O. Ataýew, A.Annaorazow, A.Kertiýew

Elektron görnüşe geçiren: Pälwan Muhyýew

HALKARA HASAP WE HASABAT

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Aşgabat 2010

O.G. Ataýew, Annaorazow A.A., Kertiýew A.K.
Halkara hasap we hasabat. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.
- A., 2010

Halkara hasap we hasabat okuw gollanmasynda hasabyň we hasabatyň halkara ulgamy häsiýetlendirilýär. Maliýe hasabatynyň, maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň ähmiýeti we olaryň mazmuny hem-de häsiýetnamasy beýan edilýär. Şeýle hem, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda esasy serişdeleriň, maddy däl aktiwleriň we haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklarynyň hasabynyň ýöredilişine seredilýär.

Okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriň ykdysady hünärler boýunça okaýan talyplary, şeýle hem, hasap ulgamynyň işgärleri üçin niýetlenendir.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI

GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Giriş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan yzygiderli syýasatynyň ör–boýuna galan, durnukly bazar gatnaşyklarynyň emele gelýän we ösýän şertlerinde ýurdumyzda buhgalter hasabyny we maliýe hasabatyny kämilleşdirmekligiň, ony beýleki ýurtlarda hasabyň ýöredilişiniň ýörelgelerinden hem-de halkara standartlaryndan ugur alynmagynyň obýektiw zerurlygy ýüze çykýar.

Bu bolsa ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň emele gelşiniň we ösüşiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, hasabyň halkara tejribeleriniň öwrenilmegini talap edýär.

Buhgalter hasabyny we maliýe hasabatyny kämilleşdirmek meselesi ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň aýrylmaz bölegidir. Häzirki wagtda Türkmenistanda hasap ulgamyny milli aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň sekiz aýynyň jemlerine bagyşlanan mejlisinde sözlän sözünde “Öňümizde maliýe hasabatlylygyny halkara ölçeglerine laýyk getirmek bilen baglanyşykly örän çylşyrymly wezipeler dur. Şol wezipeleriň amala aşyrylmagy bolsa, maliýe amallaryny geçirmegiň äşgärligini üpjün edip, daşary ýurtly maýadarlaryň maýa goýmaga höwesini artdyrar” diýip, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçilmeginiň zerurdygyny, onuň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginler bilen ösmegine uly ýardam berjekdigini ýerlikli nygtap geçdi.

Dünýä ykdysadyýetinde ýurtlaryň gatnaşyklarynyň çuňlaşýan we biri-birine goşulyşyan şertlerinde buhgalter hasaby biznesiň halkara diline öwrülýär. Şol sebäpli dünýä ýurtlaryna düşnükli bolan dili, ýagny maliýe hasabatynyň halkara standartlaryny öwrenmek we ulanmak esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Dünýäniň dürli ýurtlarynda kompaniýalaryň maliýe hasabatlarynyň mazmunynda we işiniň netijelerini häsiýetlendirýän görkezijileriň emele gelşinde dürli derejelerde tapawut bar. Şol sebäpli maliýe hasabatynyň halkara standartlary maliýe hasabatyny düzmek üçin dürli ýurtlaryň kompaniýalarynyň ulanýan buhgalter hasabynyň ýörelgelerini we usulyýetini bir standarta – meňzeşlige getirmek maksady bilen döredilendir. Bu meselede dürli ýurtlardan bolan maliýe hasabatyndan peýdalanyjylaryň oňa düşünmekleri üçin maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň ähmiýeti örän uludyr. Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçirilmegi ony gönüden göni doly kabul etmekligi aňlatmaýar. Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçirilmeginiň esasy wezipesi – dürli ýurtlaryň kompaniýalarynda maliýe hasabatyny taýýarlamagyň ýörelgelerini ýakynlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Şeýlelikde, buhgalter hasabynyň ulgamyny Türkmenistanda hereket edýän kärhanalaryň we beýleki döwletleriň kompaniýalarynyň maliýe hasabatlaryny deňeşdirmäge mümkinçilik berýän derejede özgertmek zerurdyr. Bu bolsa ýurdumyza daşary yurt maýa goýumlaryny çekmekde, Türkmenistanda hereket

edýän kärhanalaryň daşary yurt bazaryna çykmagynda uly ähmiýete eýe bolar hemde milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk hem ýokary depgin bilen ösmegine has amatly şert döreder.

Okuw gollanmasy awtorlar topary tarapyndan taýýarlanyldy. Bu okuw gollanmasynyň baplaryny ýazan awtorlar:

Ataýew O.G. uly mugallym (giriş, 1, 2, 3, 4, 5-nji baplar).

Annaorazow A.A., y.y.k., dosent (7-nji bap).

Kertiýew A.K.., y.y.k., dosent (6-njy bap).

Bap 1. Buhgalter hasabynyň mazmuny we niýetlenişi

1.1. Buhgalter hasaby ulgamynyň mazmuny, maksady we esasy ýörelgeleri

Kärhananyň maliýe-hojalyk işlerini dolandyrmak üçin ýeterlik derejede dürli maglumatlar gündelik zerur bolup durýar. Bu maglumatlary iki topara bölmek bolar:

- mukdar maglumatlary;
- hil maglumatlary.

Sanlarda aňladylan maglumatlara mukdar maglumatlary diýilýär. Pul birliginde aňladylan mukdar maglumatlary buhgalter hasabyndan alynýar.

Şeýle hem, pul däl görnuşindäki – hil maglumatlary hem buhgalter hasabatlaryna goşulyp ulanylýar. (gündelik neşirde, teleýaýlymlarda berilýän habarlar).

Kärhanany dolandyrmak üçin ulanylýan zerur maglumatlary şu aşakdaky toparlara birikdirmek bolar:

- operatiw
- maliýe – hasap
- hasap – dolandyryş.

Kärhananyň işiniň sazlaşykly amala aşyrylmagy üçin ilkinji nobatda operatiw maglumatlar zerur bolup durýar. Operatiw maglumatlara şu aşakdakylar degişli bolup durýar:

Materiallaryň, taýýar önümleriy baradaky maglumatlar, bahalar baradaky maglumatlar algylar, üpjün edijilere bergiler, işgärlere zähmet haky boýunça bergiler barada maglumatlar we ş.m.

Maliýe hasabynyň maglumatlary içerki we daşarky maglumatdan peýdalanyjylar üçin niýetlenýär.

Kärhanany dolandyryjylar üçin ýörite taýýarlanan hasap maglumatlaryna hasap–dolandyryş maglumatlary diýilýär. Bu maglumatlaryň kömegi bilen kärhananyň üstünlikli dolandyrylmagy üçin degişli dolandyryş kararlary kabul edilýär.

Şeýlelikde, hasap maglumatlary ondan peýdalanyjy ähli taraplaryň islegini doly kanagatlandyrmalydyr.

Hasap maglumatlaryny özünde jemleýän buhgalter hasaby kesgitli ykdysady subýekt baradaky maliýe maglumatlaryny ölçemek, işlemek we ulanyja ýetirmek işlerini amala aşyrýan ulgamydyr. Başgaça aýdanymyzda, buhgalter hasaby, birinjiden, gelejekde ulanmak maksady bilen hojalyk işleri baradaky maglumatlary bellige almak bilen ölçeýär, ikinjiden olary ulanmaga peýdaly bolar ýaly derejede işleýär, üçünjiden, işlenen maglumatlary hasabat görnüşine getirip, olary dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin ulanýan taraplara beryär.

Şeýlelikde, buhgalter hasabynyň ulgamy bu ýörite usullaryň jemi bolup, olaryň kömegi bilen önümiň öndürilişi we ýerleşdirilişi jemlenýär, kärhananyň kesgitli maksatlary anyk ýerine ýetirilýär we dolandyrmaklyk üpjün edilýär.

Hasap ulgamy kärhananyň işiniň ahyrky netijesini dogry ölçemäge gönükdirilendir. Ol kärhananyň resurslarynyň ulanylyşyna gözegçiligi üpjün edýär.

Buhgalter hasabynyň ulgamy ähli ykdysady subýektleri birikdirýän bazar ykdysadyýetiniň infrastrukturasynyň elementi bolup durýar.

Ýurduň ykdysadyýetiniň bazar ykdysadyýetine geçmegi buhgalter hasabynyň we hasabatynyň roluny has ýokarlandyrýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde hasaba we hasabata bildirilýän talaplar üýtgeýär. Sebäbi, administrativ–meýilnamalaýyn ykdysadyýetde dolandyryş kararlary diňe ýeke-täk subýekt tarapyndan – ýagny döwlet tarapyndan kabul edilýän bolsa, bazar şertlerinde has köp taraplar tarapyndan kabul edilýär.

Şol bir wagtyň özünde bazar şertlerinde hasap ulgamynyň esasy wezipesi kompaniýanyň işi bilen gyzyklanýan, bähbidi bar bolan maglumatdan peýdalanyjylary ygtybarly maglumatlar bilen üpjün etmek bolup durýar.

Buhgalter hasabynyň esasy maksady kärhananyň emläk ýagdaýyny obýektiw görkezmek we oňa baha bermek, onuň çeşmelerini, girdejilerini we harajatlaryny, şeýle hem dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin kärhananyň ýolbaşçylaryny maglumat bilen üpjün etmek bolup durýar. Buhgalter hasabynda bazaryň ähli subýektleriniň, ýagny döwletiň, alyjylaryň, üpjün edijileriň, jemgyýetçilik guramalarynyň we edaralarynyň, banklaryň we ş.m. özara gatnaşygy görkezilýär.

Buhgalter hasabynyň maglumatlary ondan peýdalanyjylaryň talaplaryna jogap bermelidir.

Bazar ykdysadyýetine häsiýetli bolan we hasap maglumatlaryny almaga mümkinçilik döredýän esasy ýörelgeleriň hasapda ulanylmagy milli we halkara hasap we hasabat ulgamyny guramagyň esasy bolup durýar.

Halkara buhgalter ýörelgeleri bu buhgalter hasabynyň esaslaryny düzýän we halkara buhgalter standartlarynda görkezilen degişli usullarynyň jemidir.

Hasap ýörelgeleriniň umumy ykrar edilmegi olaryň aşakdaky kriteriýalara takyk jogap berişine bagly bolup durýar:

- ýerliklilik;
- obýektiwlik;
- amala aşyrylmaklyk.

Ykdysady subýekt barada bar bolan kesgitli maglumat ony peýdalanyja peýda getirse, onda ol ýörelge ýerlikli hasap edilýär. Egerde maglumata ony düzüjileriň şahsy pikiri ýa-da bahasy täsir etmeýän bolsa, onda ol obýektiw hasap edilýär. Obýektiwlilik diýip hakykata gabat gel0maglur alm

1. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny, onuň emläginiň ululygyny we düzümini, emele gelen çeşmelerini, dolanyşyga çekilen material we maliýe resurslaryny we olaryň ulanylyşynyň netijeliligini, hem-de hojalyk işleriniň netijelerini belli bir wagt aralygynda görkezýän maglumatlar.

2. Kärhananyň netijeli dolandyrylmagy üçin zerur bolan maglumatlar.

Bu maglumatlar kärhananyň gündelik we operatiw dolandyrylmagyny üpjün edip, onuň maglumatlara bolan içerki zerurlygyny kanagatlandyrýar we dolandyryjylar tarapyndan ulanylýar. Olara şu aşakdaky maglumatlar degişli bolup durýar:

- önümçilige edilen harajatlaryň ululygy;
- öndürilen önümiň we ýerleşdirilen önümiň birlliginiň özüne düşýän gymmaty;
- garaşylýan girdejiler;
- ýerleşdirilen önümiň, onuň özüne düşýän gymmatynyň we peýdanyň gatnaşygy;
- önümiň täze görnüşleriniň düşewüntliliginiň derejesiniň çaklamasynyň netijeleri;
- göz öňünde tutulýan çäreler, şertnamalar, maýa goýumlar boýunça garaşylýan çykdajylar.

3. Salgytlary hasaplamaga degişli bolan maglumatlar. Bu maglumatlar buhgalter hasabynyň maglumatlarynyň bir görnüşi bolup, kärhananyň býujet bilen özara gatnaşygyny aýdyňlaşdyrýar. Bu maglumatlar maliýe hasabynyň bir görnüşi bolup durýar.

Ýokarda getirilenlerden görnüşi ýaly daşary ýurt kärhanalarynda buhgalter hasabynyň ýeke-täk ulgamynyň çäklerinde maliýe we dolandyryş hasaplary tapawutlandyrylýar. Tapawudyna garamazdan maliýe we dolandyryş hasaplary ýeke-täk hasap-analitiki ulgamyny emele getirýär.

Hasabyň şeýle tertipde guralmagy işi çylşyrymlaşdyrýar we hasaby ýöretmek üçin çykdajylary köpeldýär. Ýöne telekeçi taraplaryň bähbitlerini has ýokary derejede kanagatlandyrýar.

Bap 2. Hasabyň we hasabatyň halkara ulgamynyň mazmuny we häsiýetnamasy

2.1. Buhgalter hasabynyň milli we halkara ulgamynyň umumy häsiýetnamasy

Jemgyýetiň taryhy ösüşinde buhgalter hasabynyň milli ulgamlary ýüze çykyp, ol hemişe kämilleşdirilýar.

Hasabyň her bir milli ulgamy birnäçe ýörelgeler bilen häsiýetlendirilýär:

- önümçilik ätiýaçlyklarynyň hasabynyň we bahalandyrmagyň usullary bilen;
- könelmäniň bellenmegi we onuň hasapda görkezilişi bilen;
- daşary yurt pullarynyň görkezilişi we hasabaty bilen we ş.m.

Bulardan başga hem milli hasap ulgamlarynda hasabatyň görnüşlerine, onuň görkezijilerine, kärhananyň işine gözegçiligiň usullaryna dürli çemeleşmeler bar.

Milli hasap ulgamlarynda ähli alamatlar boýunça kesgitli aratapawutlar bar.

Hasabyň milli ulgamy şu aşakdaky birnäçe esasy görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:

- halkara standartlarynyň esasynda ýurduň ykdysady ösüşiniň milli aýratynlyklarynyň hasaba alynmagy bilen, milli buhgalter standartlarynyň ulgamynyň bolmagy we ulanylmagy.
- ýurduň buhgalter hasabynyň we hasap syýasatynyň guralyşynda esasy kesgitleýji faktor bolan buhgalter hasabynyň milli hasap meýilnamasynyň bolmagy;
- kärhananyň çäginde buhgalter hasabyny guramagyň ulgamy;
- kärhananyň işiniň ahyrky maliýe netijelerini kesgitlemegiň usulyýeti;
- halkara standartlaryna ýakynlaşdyrylan maliýe hasabaty ulgamy.

Kanunçylyk binýatlar hasaby guramagyň, olaryň halkara tejribelerine we tassyklanan standartlara gabat gelmegiň esasy bolup durýar. Şonuň üçin hasabyň milli ulgamy öwrenilende we kesgitlenende kanunçylyk binýadyň we beýleki normatiw resminamalaryň bolmagy uly ähmiýe eýe bolýar.

Buhgalter hasabynyň we hasabatynyň milli ulgamynyň esasy görkezijileriniň işlenip taýýarlanyş we öwreniliş derejesi döwletiň hasap syýasaty, hasabyň we hasabatyň dünýä tejribesi we halkara standartlary bilen deňeşdirilendäki ýagdaýy bilen häsiýetlendirilýär.

Bazar gatnaşyklary ulgamynda hasabyň halkara standartlary buhgalter hasabynyň usulyýetiniň we guralyşynyň dürli taraplaryny görkezýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary 1973-nji ýylda döredilen maliýe hasa-batynyň halkara standartlary boýunça komitet tarapyndan taýýarlanylýar we kabul edilýär. Bu komitet tarapyndan taýýarlanan we kabul edilen maliýe hasa mn,batynyň halkara standartlary bir ýa-da birnäçe ýurtlaryň hökümetleri tarapyndan kabul edilen kanunlar däl-de, dünýä ýurtlarynda kompaniýalar we beýleki guramalar tarapyndan taýýarlanylýan maliýe hasabaty üçin ulanylýan buhgalter hasabynyň ýörelgelerini birmeňzeşlige getirmek maksady bilen ýöriteleşen halkara guramasy tarapyndan düzülen standartlaryň toplumy bolup durýar.

Bu halkara komitetiniň esasy wezipeleri hasaby guramakda we maliýe hasabatyny düzmekde ulanmaga degişli bolan hasabyň, hasabatyň we auditiň standartlaryny işläp taýýarlamakdan we kabul etmekden, buhgalter standartlaryny kämilleşdirmek we uýgunlaşdyrmak boýunça işlerden we ş.m. ybaratdyr.

Dünýäniň dürli ýurtlary hasabyň we hasabatyň milli standartlaryny işläp taýýarlamakda hasabyň halkara standartlaryndan ugur alýarlar.

Aýry-aýry ýurtlar hasabyň halkara standartlaryny öz milli aýratynlyklaryna we buhgalter hasabynyň talaplaryna laýyklykda ulanýarlar. Birnäçe ýurtlar hasabyň milli talaplaryny detallaşdyrmak üçin esas hökmünde ulanýarlar. Käbir ýurtlarda hasabyň halkara standartlary aýratyn üýtgeşme girizmezden ulanylýar.

Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi, daşary ykdysady gatnaşyklarynyň giňelmegi hasabyň we hasabatyň halkara tejribesiniň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilmegini talap edýär. Munuň üçin ýurduň ykdysady ösüşiniň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulyp, hasabyň we hasabatyň halkara standartlaryndan ugur alnyp, milli hasap ulgamynyň kämilleşdirilimegi mümkindir.

Bazar gatnaşyklary ösen ýurtlarda buhgalter hasaby ikä bölünýar:

- maliýe hasaby;
- dolandyryş hasaby.

Maliýe hasaby kärhananyň döwlet, banklar, paýdarlar, üpjün edijiler we beýleki daşarky maglumat peýdalanyjylar bilen aragatnaşygynyň meselelerini çözýär.

Dolandyryş hasaby kompaniýanyň düzüm bölekleriniň işiniň netijesini ýokarlandyrmak boýunça içerki meseleleri çözmeklige gönükdirilendir.

Hasap ulgamy milli we halkara derejesinde köp halatlarda buhgalter hasabatynyň ýagdaýy bilen häsiýetlendirilýär. Maliýe hasabaty onuň maglumatlaryny peýdalanyjylaryň isleglerini kanagatlandyrjak derejede taýýarlanylýar. Hasabat diňe bir görnüşleri boýunça däl-de, mazmuny we görkezilen maglumatlaryň möçberi bilen tapawutlanýar. Hasabatyň mazmuny onuň maglumatlarynyň kime niýetlenendigine bagly bolup durýar: maýa goýumçylara, karz berijilere, döwlet ýa-da gaýry organlaryna. Şeýle hem, hasabatyň gurluşyna we düzümine ýurduň milli däpleri, aýratynlyklary täsir edýär.

2.2. Hasabyň we hasabatyň halkara ulgamyny döretmegiň zerurlygy

Dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň goşulyşýan şertlerinde buhgalter hasaby biznesiň halkara diline öwrülýär. Sebäbi dünýä ýurtlarynyň, kompaniýalarynyň özara ykdysady gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy, ösmegi olarda hasap ulgamynyň ýakynlaşmagyny talap edýär.

Her bir ýurduň öz taryhy, gymmatlyklary, milli aýratynlyklary bolup, olar hasap ulgamy täsir edýär. Dürli ýurtlarda buhgalter hasabynyň ýörelgeleri biri-birlerinden dürli derejelerde tapawutlanýarlar. Bu tapawutlara ykdysady we syýasy taýdan has ýakynlygyna baglylykda ýurtlaryň bir toparlarynda belli bir derejede meňzeşlik saklanýar.

Buhgalter hasabynyň guralyşyna kanunçylygyň edýän täsiriniň derejesi boýunça ähli ýurtlary iki topara bölmek bolar:

- hasaby ýöretmegiň düzgünleri kanunçylykda takyk kesgitlenen ýurtlar;
- hasaby ýöretmegiň düzgünleri kanunçylykda umumy ugur almak maksatly görkezilen.

Birinji topara degişli ýurtlarda hasabyň standartlary, hasaby ýöretmegiň tertibi kanunçylykda takyk kesgitlenýär. Bu topara degişli ýurtlara mysal edip Germaniýany, Frasiýany we beýlekileri görkezmek bolar.

Ikinji topara degişli ýurtlarda kanunçylykda hasaby ýöretmegiň tertibiniň çäkleri görkezilýär. Kompaniýalar şol çäklerde degişli kararlary kabul edip bilýärler. Bu ýurtlarda hasabyň standartlary buhgalterleriň professional guramalary tarapyndan sazlaşdyrylýar. Bu topara degişli ýurtlara mysal edip Beýik Britaniýany, ABŞ we beýlekileri görkezmek bolar.

Şeýlelikde, buhgalter hasabynyň umumy usulyýet ýörelgeleriniň bolan ýagdaýynda hem ony ýöretmegiň milli düzgünleri ähli ýurtlarda dürli – dürlidir. Ýöne hasaby ýöretmegiň köp dürlüligine garamazdan, buhgalter hasabyny ýöretmeklige we maliýe hasabatyny düzmeklige çemeleşmeklikde birmeňzeşligi saklaýan ýurtlaryň toparlaryny görkezmek bolar. Bu toparlaryň her biriniň öz hasap ulgamynyň modeli bar.

Hasap ulgamynyň has köp ýaýran toparlamasy şu aşakdaky üç modeli öz içine alýar:

1. **Hasap ulgamynyň Britan– amerikan modeli**

Bu model Angliýada, ABŞ-da, Niderlandlarda, Wenesuellada, Malaýziýada, Meksikada, Awstraliýada, Kanadada we şuňa degişli bolan beýleki ýurtlarda ýöredilýän hasap ulgamyny öz içine alýar. Bu modelde hasabyň ýörelgeleri köp derejede jemgyýetçilik tarapyndan kesgitlenýär. Hasap esasan köp derejede maýadarlaryň islegini kanagatlandyrmaklyga gönükdirilendir. Bu model, düzgün bolşy ýaly, buhgalter hasabynyň kanunçylyk taydan sazlaşdyrylmagyny göz öňünde tutmaýar. Kompaniýalarda hasaby ýöretmegiň meseleleri kesgitlenen standartlardan ugur alnyp özbaşdak kesgitlenýär.

Standartlar umumy kabul edilen düzgünleri we normalary kesgitleýär. Onuň çäklerinde her bir kärhana saýlap almaklyga erkinlik berilýär. Bu bolsa hasap ulgamynyň islendik ýagdaýa oňaýly bolmagyna mümkinçilik berýär. Şeýle hem, diňe bir hasapçylaryň däl-de, hasap maglumatlaryny peýdalanyjylaryň hem ýokary derejede bilimli bolmagyny talap edýär. Standartlar hasabat resminamalarynyň deňeşdirip bolmaklygyny, birkysymlylygyny üpjün edýär we ony barlamaklygy ýeňilleşdirýär. Olar döwlet organlary tarapyndan däl-de, professional guramalar tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar.

1. **Hasap ulgamynyň kontinental modeli**

Bu modele kontinental Ýewropa ýurtlary we Ýaponiýa degişlidir. (Germaniýa, Awstriýa, Şweýsariýa, Belgiýa, Ispaniýa, Rossiýa, Şwesiýa, Italiýa, Fransiýa, Ýaponiýa we beýlekiler). Hasap ulgamynyň bu modelinde hasabyň ýörelgeleri köp derejede kanunçylyk bilen kesgitlenýär. Hasabyň kontinental modelinde buhgalter hasabynyň aýratynlygy esasan iki faktor bilen esaslandyrylýar:

1. Işewürligiň bank kapitalyna esaslanmagy;
2. Fiskal organlaryň talaplaryna gabat gelmekligi.

Maýa goýumlaryň çekilmegi gönüden-göni banklaryň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Şol sebäpli kompaniýalaryň düzýän hasabatlary ilkinji nobatda gymmatly kagyzlaryň bazaryna gatnaşyjylar üçin dal-de, banklar üçin niýetlenilýär. Hasabyň kontinental modelinde maliýe hasabatynyň düzüliş tertibine döwlet organlarynyň täsiri ýokary bolup duryär. Bu ýagdaý döwletiň salgytlary ýygnamak boýunça wezipesiniň ileri tutulýanlygy bilen düşündirilýär. Hasabyň kontinental modeline şu aşakdakylar häsiýetli bolup durýar:

- hasabyň kanunçylyk taýdan (döwlet tarapyndan) sazlaşdyrylmagy;
- kompaniýalaryň banklar bilen yakyndan arabaglanyşygynyň bolmagy;
- hasabyň döwlet salgyt salmak bähbitlerine we makroykdysady sazlaşdyrylmagyna gönükdirilmegi.

3. **Hasap ulgamynyň Günorta-amerikan modeli**

Bu model Argentina, Braziliýa, Paragwaý, Peru, Boliwiýa, Gawana, Çili, Ekwador we şuňa degişli bolan beýleki ýurtlarda ulanylýar.

Bu modele hasabyň ýörelgeleri kanunçylyk tarapyndan kesgitlenilýär. Onuň esasy aýratynlygy – kanunçylyk aktlarynda hasabyň ýörelgeleri kesgitlenende, onuň ýokary derejedäki hümmetsizlenmäniň hasaba alynmagyna gönükdirilmegidir.

Bu ýerde hasap ulgamynyň ýokarda getirilen modellere bölünmeginiň şertli häsiýete eýedigini belläp geçmek zerurdyr. Sebäbi, hasap ulgamy birmeňzeş diýilýän ýurtlarda hem onuň dolulygyna birmeňzeşligi saklanmaýar.

Şeýlelikde, buhgalter hasabynyň umumy usulyýet ýörelgeleriniň ähli kompaniýalar tarapyndan berjaý edilmegi bilen maglumat peýdalanyjylaryň esaslandyrylan çözgütler kabul etmekleri üçin zerur bolan ynamly, deňeşdirip bolýan maglumatlary almaklary gazanylýar.

2.3. Hasap we hasabat ulgamy boýunça halkara guramalary

Hasap we hasabat ulgamyny bir meňzeşligi getirmek we sazlaşdyrmak meseleleri bilen birnäçe hökümetara we professional guramalar meşgul bolýar. Ol guramalary iki topara bölmek bolar :

- Sebitleýin guramalar;
- Professional halkara guramalar.

Sebiýetleýin guramalara şu aşakdakylar giryär:

- Ýewropa ykdysady bileleşigi;
- Buhgalterleriň-ekspertleriň Ýewropa federasiýasy;
- Bughalter hasaby boýunça Afrika maslahaty;
- Amerika ýurtlarynyň buhgalterleriniň assosiasiýasy;
- Aziýa we Ýuwaş okean ýurtlarynyň buhgalterleriniň konfederasiýasy;
- Günörta-Gündögar Aziýa ýurtlarynyň buhgalterleriniň federasiýasy;
- Buhgalterleriň Günorta-Aziýa federasiýasy;
- Buhgalterleriň demirgazyk federasiýasy.

Ýewropa ykdysady bileleşigi 1957-nji ýylda döredilip, sebit derejesinde maliýe hasabatynyň birmeňzeşligini gazanmak üçin degişli iş geçirip başlan guramadyr.

Ýewropa ykdysady bileleşiginiň düzümine girýän ýewropa ýurtlary (1993-nji ýyldan başlap Ýewropa bileleşiginiň ýurtlary) onuň agzalarydyr. Bu guramanyň düzümine häzirki wagtda şu aşakdaky ýurtlar girýär:

Awstriýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Gresiýa, Daniýa, Irlandiýa, Ispaniýa, Italiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Portugaliýa, Finlandiýa, Fransiýa we Şwesiýa.

Ýewropa bileleşiginiň agza ýurtlarynyň buhgalter hasabynyň dürli ulgamlaryny sazlaşdyrmak Ýewropa bileleşiginiň wezipeleriniň biri bolup durýar. Sazlaşdyrmagyň esasy mazmuny dürli ýurtlaryň hasabynyň usulyýetini ylalaşykly birmeňzeşlige getirmekdir.

Bu wezipäni çözmek maksady bilen 1961-nji ýylda Ýewropa bileleşiginiň çäklerinde buhgalter hasabynyň meseleleri boýunça barlag topary döredilýär.

Bu barlag toparynyň geçiren işleriniň netijeleri boýunça birnäçe resminamalar taýýarlanylyp, olary bileleşigiň ýurtlary hasap we hasabat boýunça öz kanunçylyklarynda göz öňünde tutup ulanmaga borçly bolup durýarlar.

Şeýlelikde, Ýewropa ykdysady bileleşigi tarapyndan birnäçe resminamalar – direktiwalar taýýarlanyp, ulanmaga berilýär:

1. 1-nji direktiwa "Jogäpkärçiligi çäklendirilen kompaniýalarda ýýllyk hasabatlary çap etmegiň esasy talaplary" (1964ý.) .
2. 2-nji direktiwa "Döwlet we hususy kompaniýalarda hasabyň we hasabatyň aýratynlyklary" (1972ý.).
3. 3-nji direktiwa "Kompaniýalar birleşende hasabyň aýratynlyklary" (1975ý.).
4. 4-nji direktiwa "Baha bermegiň usullaryna, çap edilýän hasabatyň düzmegiň tertibine we düzümine bildirilýän esasy talaplar" (1974ý.).
5. 5-nji direktiwa "Kompaniýalarda dolandyryşyň gurluşy we audit geçirilişi" (1983ý.).
6. 6-nji direktiwa "Aşyk görnüşli peýdarlar kompaniýalary üçin analitiki maglumatlaryň düzümi "(1975ý.).
7. 7-nji direktiwa "Korporasiýalarda hasabyň we hasabatyň aýratynlyklary" (1979ý.).
8. 8-nji direktiwa "Auditoryň kwalifikasiýasyna we işiniň mazmunyna talaplar" (1979ý.).

Ýewropada hasabyň usulyýetini kämilleşdirmek bilen **buhgalterleriň-ekspertleriň Ýewropa federasiýasy** hem meşgul bolýar. Bu federasiýa 1986-njy ýylda şu aşakdaky iki sany professional guramalaryň birikdirilmegi netijesinde döredildi:

- 1985-nji ýyldan bäri buhgalter hasabyny kämilleşdirmek bilen meşgullanýan buhgalterleriň – ekspertleriň Ýewropa bileleşigi.
- 1966-njy ýyldan bäri buhgalter tejribesini öwrenýän buhgalterleriň – ekspertleriň barlag topary.

Federasiýanyň esasy wezipesi buhgalter hasaby we salgyt salmak meseleleri boýunça Ýewropa bileleşiginiň iş toparyna maslahat bermek, şeýle hem Ýewropa bileleşiginiň direktiwalarynyň we maliýe hasabatyň halkara standartlarynyň

deňeşdirme seljermesini geçirip, olaryň sazlaşyklygyny ýüze çykarmak bolup durýar.

Şeýle hem, federasiýa buhgalter hasabynyň meseleleri boýunça ylmy maslahatlary, okuwlary guramak bilen meşgul bolýar.

Buhgalter hasaby boýunça Afrika maslahaty 1979-njy ýylda döredilip, onuň düzümine Afrika döwletleriniň 27-sinden buhgalterleriň hökümet guramalary girýär. Alžir, Angola, Benin, merkezi Afrika respublikasy, Gabona, Marokko, Nigeriýa, Sudan, Tanzaniýa, Konga we beýlekiler.

Hasabyň usulyýetini birmeňleşlige getirmek, professional bilimi kämilleşdirmek bu guramanyň esasy wezipesi bolup durýar. Maslahatyň işiniň maksady oňa girýän Afrika döwletlerinde buhgalter hasabynyň we hasabatyň ýeketäk standartlaryny işläp taýýarlamakdan we onuň netijesinde hasap ulgamyny birmeňzeşlige getirmekden ybarat bolup durýar.

Amerika ýurtlarynyň buhgalterleriniň assosiasiýasy 1949-njy döredilip, oňa şu aşakdaky Amerika ýurtlarynýň buhgalter guramalary girýär:

Argentina, Boliwiýa, Braziliýa, Wenesuela, Gwatemala, Gonduras, Dominikan Respublikasy, Kanada, Kosta-Rika, Kuba, Kolumbiýa, Meksika, Nikaragua, Panama, Paragwaý, Peru, ABŞ, Salwador, Urugwaý, Çili we Ekwador.

Bu guramanyň esasy işi Günorta Amerika ýurtlaryndа hasaby birmeňzeşlige getirmekden ybaratdyr. Bu assosiasiýanyň agzalarynyň gatnaşmagynda 2-3 ýyldan professional maslahat geçirilýär we onuň netijeleri boýunça ylmy-usulyýet materiallar çap edilýär.

Aziýa we Ýuwaş okean ýurtlarynyň buhgalterleriniň konfederasiýasy 1976-njy ýylda döredildi.

Bu konfederasiýa sebitiň 20 döwletinden 29 sany buhgalter guramalary girýar. Konfederasiýa girýän döwletler: Awstraliýa, Bangladeş, Birma, Kanada, Indiýa, Indoneziýa, Liwan, Täze Zelandiýa, Pakistan, Samoa, Singapur, ABŞ, Taýland, Filippinler, Şri-Lanka we beýlekiler.

Bu guramanyň işiniň maksady sebitde buhgalter hasabyny sazlaşdyrmakdan, buhgalter standartlaryny birmeňzeşlige getirmekden ybaratdyr.

Günörta – Gündogar Aziýa ýurtlarynyň buhgalteriniň federasiýasy 1977-nji ýylda Tailantda döredildi. Bu gurama Indoneziýanyň, Molaýziýanyň, Filippiniň, Singapuryň we Tailandyň buhgalter guramalaryny öz işine alýar.

Bu federasiýa hasabyň we hasabatyň hereket edýän ýörelgeleriniň we usullarynyň seljermesini geçirip, onuň esasynda hasabyň ýörelgelerini we standartlaryny birmeňzeşlige getirmek barada resminama kabul edýär hem-de bu gurama girýän ýurtlarda hasaby standartlaşdyrmak işi bilen meşgul bolýar.

Professional halkara guramalaryna şu aşakdakylar girýär:

- Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça komitet (1990ý. öň Hasabyň halkara standartlary boýunca komiteti diýip atlandyrylýardy);
- Buhgalteriň halkara federasiýasy;
- BMG-nyň halkara buhgalter standartlary boýunça ekspertleriň hökümetara iş topary;
- Ykdysady aragatnaşyklar we ösüş guramasy we beýlekiler.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça komitet

Bu komitet 1973-nji ýylda birnäçe ýurduň (Awstraliýa, Kanada, Germaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa, Meksika, Niderlandlar, Beýik Britaniýa, Irlandiýa, ABŞ) buhgalterleriniň professional guramalarynyň ylalaşygy netijesinde döredildi. Komitet 104 ýurtdan 143 sany buhgalterleriň professional guramalaryny öz içine alýar. Komitet maliýe hasabatynyň halkara standartlaryny taýýarlaýar we kabul edýär. Bu komitet tarapyndan kabul edilen maliýe hasabatynyň halkara standartlary dünýä ýurtlarynda kompaniýalaryň we beýleki guramalaryň taýýarlaýan maliýe hasabaty üçin ulanylýan buhgalter hasabynyň ýörelgelerini birmeňzeşlige getirmek maksady bilen düzülen standartlaryň toplumydyr.

Buhgalter hasabynyň halkara standartlary boýunça komitetiň baş maksady:

- maliýe hasabatyny düzülende ulanmak üçin buhgalter hasabynyň standartlarynyjemgyýetçilik bähbitlerinde taýýarlamak we çap etmek;
- buhgalter hasabynyň standartlaryny dünýä boýunça ýaýradylmagyna we kabul edilmegine ýardam bermek;
- buhgalter standartlaryny sazlaşdyrmak boýunça işleri amala aşyrmak.

Buhgalter hasabynyň halkara standartlary boýunça komitetiň işi şu aşakdaky çeşmelerden maliýeleşdirilýär:

- komitetiň agza guramalarynyň tölegi;
- buhgalteriň halkara federasiýasynyň serişdeleri;
- transmilli kompaniýalardan we buhgalter firmalaryndan geýän serişdeler;
- neşir işlerinden gelýän girdejiler.

Buhgalteriň halkara federasiýasy

Bu federasiýa 1977-nji ýylda Mýunhende geçen buhgalteriň XI halkara kongresinde 75 döwletiň gatnaşmagynda buhgalter professiýasyny ösdürmek boýunça halkara komitetiniň üýtgeldilmegi netijesinde döredildi. (Awstraliýa, Argentina. Beýik Britaniýa, Gresiýa, Daniýa, Ispaniýa, ABŞ, Turkiýe, Fransiýa we beýlekiler).

Bu guramanyň maksady ähli ýurtlar üçin ylalaşylan standartlaryň esasynda buhgalter professiyasyny ösdürmek we kämilleşdirmek bolup durýar.

Bu federasiýanyň içinde üç sany komitet hereket edýär:

- **Audit geçirmegiň tejribesini jemlemek boýunça komitet.** Bu komitet dünýaniň dürli ýurtlarynda audit geçirmegiň tejribesini öwrenýär we seljerýär hem-de ýörite gollanmalary (standartlary) çap edýär.
- **Professional taýýarlyk boýunça komitet.** Bu komitet professional buhgalterler taýýarlananda hünär derejesine we bilimine baha berlişini birmeňzeşlige getirmek boýunça esasy ugry işläp taýýarlaýar.
- **Etika boýunça komitet**. Bu komitet buhgalterleriň professional etikasynyň milli kodekslerini jemlemek we ýeke-täk standarty işläp taýýarlamak bilen meşgul bolýar.

BMG-nyň halkara buhgalter standartlary boýunça ekspertleriň hökümetara iş topary

Buhgalter hasabynyň we hasabatynyň halkara ulgamynyň standartlarynyň taýýarlanmagyna Birleşen Milletler guramasy (BMG) ýeterlik derejede täsir edýär.

1982-nji ýylda BMG-nyň ekspertler topary tarapyndan taýýarlanan normatiw resminamada halkara korporasiýalarynyň maliýe hasabatlaryna bildirýän talaplar beýän edilýär.

BMG-da hasaby we hasabaty standartlaşdyrmak meseleleri bilen hasabyň we hasabatyň halkara standartlary boýunça ekspertleriň hökümetara iş topary meşgul bolýar.

Bu iş toparynyň döredilmeginiň esasy maksatlary:

- buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň halkara derejesinde öwrenilmegi;
- millu we halkara derejelerde hasabyň standartlaşdyrylmagyny goldamak;
- maliýe maglumatlary açylyp görkezilende ösüp gelýän ýurtlaryň bähbitlerini goramak.

Bu iş toparynyň düzümine dünýäniň ähli geografiki sebitlerinden ýurtlar girýär. Bu iş toparynda Günbatar ýewropadan 9, Gündogar ýewropadan 3, Afrikadan 9, Latyn amerikadan 6 we Aziýadan 7 ýurt agza bolup durýar.

Bu iş toparynyň işi aýry-aýry ýurtlaryň milli buhgalter standartlaryny, olaryň halkara standartlary bilen sazlaşdyrylmagy bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek bilen we olary özleşdirmek boýunça maslahatlary bermek bilen baglanyşyklydyr.

Ykdysady aragatnaşyklar we ösüş guramasy

Bu gurama 1961-nji ýylda esaslandyrylyp, 1978-nji ýylda onuň düzüminde buhgalter standartlary boýunça ýörite iş topary döredildi.

Ykdysady aragatnaşyklar we ösüş guramasyna agza bolup şu aşakdaky ýurtlar girýär:

Awstraliýa, Awstriýa, Belgiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Gresiýa, Daniýa, Irlandiýa, Islandiýa, Ispaniýa, Italiýa, Kanada, Lýuksemburg, Niderlandlar, Täze Zelandiýa, Norwegiýa, Portugaliýa, ABŞ, Turkiýe, Finlandiýa, Fransiýa, Şweýsariýa, Şwesiýa, Ýaponiýa.

Ykdysady aragatnaşyklar we ösüş guramasynyň işiniň maksady bu guramanyň agza ýurtlarynyň hasabatynyň milli usulyýetini ýakynlaşdyrmakdan ybarat bolup durýar.

Bap 3. Maliýe hasabaty

Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň ýörelgeleri bu aýratyn resmi nama bolup, ol standartlar däldir we olary çalyşmaýar. Bu resmi nama maliýe hasabaty taýýarlananda we düzülende ulanmak üçin hökmany talaplary özünde jemleýär we maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň mazmunyna umumy çemeleşmeleri açyp görkezýär, maliýe hasabatyny düzüjilere we peýdalanyjylara kömek edýär.

Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň ýörelgeleri şu aşakdakylary kesgitleýär:

- maliýe hasabatyny düzmegiň maksadyny;
- maliýe hasabatyny peýdalanyjylary;
- maliýe hasabaty düzülende esasyny düzýän ygtyýar bermeleri;
- maliýe hasabatynyň hil häsiýetleriniň aýdyňlaşdyrmasyny.

3.1. Maliýe hasabatynyň maksady

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatynyň maksady kärhananyň işiniň maliýe ýagdaýy, netijeleri we maliýe ýagdaýynyň üýtgeýişi baradaky maglumatlary bermek bolup durýar. Bu maglumatlar ykdysady çözgütleri kabul etmek üçin maliýe hasabatynyň maglumatlaryny peýdalanyjylaryň giň toparyna zerurdyr.

Hasap ulgamyndaky dürli sosial, ykdysady we kanuny sebäpler bilen kesgitlenýän tapawutlara garamazdan, dürli ýurtlaryň maliýe hasabatynda birmeňzeşlik saklanýar.

Maliýe hasabaty peýdalanyjylaryň maglumatlara bolan zerurlyklaryndan we isleglerinden ugur alnyp düzülýär. Bu mesele maglumatlary peýdalanyjylaryň şu aşakda getirilýän meseleler boýunça dogry çözgüt tapmaklary üçin niýetlenendir:

- dolandyryjylara işiň hiline baha berenlerinde;
- berlen karz serişdeleriň üpjünçiligine baha berenlerinde;
- kompaniýanyň öz işgärleriniň zähmetine hak tölänlerinde we beýleki ýeňillikleri döredenlerinde;
- beýleki meselelerde.

Halkara standartlarynda maliýe hasabatyny peýdalanyjylar hökmünde şu aşakdakylar ykrar edilýär:

Maýa goýujylar. Maýa goýujylar kompaniýanyň işine öz maýalaryny goýan we onuň işiniň netijeleri baradaky maglumatlar bilen gyzyklanýan fiziki we ýuridiki taraplardyr. Maliýe hasabatynyň maglumatlary maýa goýujylara gymmatly kagyzlary satyn almalymy, bar bolan gymmatly kagyzlary saklamalymy ýa-da satmalymy diýen mesele boýunça çözgütleri kabul etmek üçin zerurdyr.

Işgärler. Işgärleri iş berijileriň ýagdaýynyň durnuklydygy, peýda gazanyp işläp bilýändigi, zähmet haky, pensiýa bilen üpjün edip bilmäge ukyplydygy baradaky maglumatlar gyzyklandyrýar.

Karz berijiler. Karz berijileri karzy gaýtarmak we karz boýunça göterimleri tölemek boýunça töwekgelçiligi kesgitlemäge mümkinçilik berýän maglumatlar gyzyklandyrýar.

Üpjün edijiler. Üpjün edijilere öz algylarynyň kesgitlenen möhletde tölenmegini kesgitlemäge mümkinçilik berýän maglumatlar zerur bolup durýar.

Alyjylar. Alyjylary kompaniýanyň durnuklylygy baradaky maglumatlar gyzyklandyrýar.

Döwlet organlary. Döwlet organlaryny salgyt syýasatyny, milli girdejiniň möçberini we ş.m. kesgitlemek üçin kompaniýalaryň işleri baradaky maglumatlar gyzyklandyrýar.

Jemgyýetçilik. Jemgyýetçiligi kompaniýalaryň işi baradaky dürli maglumatlar gyzyklandyrýar.

Kompaniýanyň ýolbaşçylaryny hem maliýe hasabatynyň maglumatlary gyzyklandyrýar. Şeýle hem bolsa, olaryň goşmaça dolandyryş we maliýe maglumatlaryny almaga mümkinçilikleri bar. Bu bolsa olaryň meýilnamalaşdyrmak, çözgütleri kabul etmek we gözegçilik etmek boýunça borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Halkara standartlarynda maliýe hasabatynyň maglumatlaryny peýdalanyjylar hökmünde ilkinji nobatda maýa goýujylar, soňra bolsa işgärler we karz berijiler görkezýär. Bu bolsa hasabaty peýdalanyjylaryň gelýän kararlaryna kärhananyň baglylygynyň derejesini görkezýär. Kärhananyň ýagdaýy onuň goýberen gymmatly kagyzlarynyň bazar gymmaty bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr, pul serişdeleriniň çeşmeleri bolsa karz berijilere we maýa goýujylara bagly bolup. Şol sebäpli ilkinji nobatda maýa goýujylaryň we karz berijileriň maglumatlara bolan islegini kanagatlandyrmaly bolýar.

3.2. Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň ýörelgeleri

Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň ýörelgeleri iki topara bölünýär:

- maliýe hasabaty düzülende esasyny düzýän ygtyýar bermeler;
- maliýe hasabatynyň hil häsiýetnamalary.

Esasyny düzýän ygtyýar bermeler iki sany esas bolýan ýörelgelerden ybarat:

- hasaplanma usuly boýunça hasap;
- kärhananyň işiniň üznüksizligi.

Hasaplanma usulyna laýyklykda hojalyk amallarynyň we gaýry wakalaryň netijeleri buhgalter hasabynda pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň alnan ýa-da tölenen wagty boýunça däl-de, olaryň amala aşyrylýan wagty boýunça ykrar edilýär we haýsy döwre degişli bolsa, şol döwrüň maliýe hasabatyna goşulýar.

Bu usula laýyklykda harytlar, önümler (işler, hyzmatlar) we gaýry aktiwler satylanda olar üçin tölegiň - pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň gelenine garamazdan, olara bolan eýeçiligiň üýtgän pursatynda hasapda satyldy diýip ykrar edilýär.

Kärhananyň işiniň üznüksizligi ýörelgesinde kärhananyň häzirki we geljekki gözýetimdäki döwürde işlejekdigi we onuň ýatyrylmak ýa-da işiniň möçberini düýpli gysgaltmak zerurlygynyň boljak däldigi göz öňünde tutulýar. Eger-de şeýle

maksat ýa-da zerurlyk bar bolsa, maliýe hasabaty başga düzgünler bilen düzülmelidir we onuň mazmuny aýdyňlaşdyrylmalydyr.

Maliýe hasabatynyň maglumatlaryny ondan peýdalanyjylar üçin peýdaly edýän şu aşakdaky dört sany esasy ýörelgeleri bilen maliýe hasabatynyň hil häsiýetnamalary kesgitlenýär:

- düşnüklilik;
- ýerliklilik;
- ynamdarlyk;
- deňeşdirerlik.

Düşnüklilik. Tabşyrylan hasabatyň maglumatlarynyň esasy hili onuň peýdalanyjylar üçin düşnükliligidir.

Maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň düşnükliligi ony peýdalanyjylardan buhgalter hasaby, maliýe we beýleki ykdysady ugurlar boýunça ýeterlik bilimleriniň bolmagyny talap edýär.

Maliýe hasabatynda maglumatlar peýdalanyjylar onuň häsiýetine we mazmunyna düşüner ýaly derejede düşnükli görkezilmelidir.

Çylşyrymly meseleler baradaky maglumatlar peýdalanyjylar üçin ykdysady çözgütleri kabul etmäge möhümdigi sebäpli olar maliýe hasabatynda hökman görkezimelidir we diňe käbir peýdalanyjylar üçin düşünmek has çylşyrymly bolmagynyň mümkindigi sebäpli hasabatdan aýrylmaly däldir.

Ýerliklilik. Maliýe hasabatynyň maglumatlary çözgütlere täsir eden ýagdaýynda, ýagny geçen, häzirki we geljekki hadysalara baha bermäge, olaryň öňki bahalaryny tassyklamaga ýa-da düşünmäge mümkinçilik berip, ýardam eden ýagdaýynda ýerlikli hasap edilýär. Maliýe hasabatyny düzýän we tabşyrýan taraplar maglumatlardan peýdalanyjylaryň isleglerini doly bilýän we oňa düşünýän ýagdaýynda maglumatlar ýerlikli bolup biler. Maglumatlaryň ýerlikliligine onuň häsiýeti we düýpliligi uly täsir edýär.

Düýpliligiň bolmazlygy ýa-da ýoýulmagy maliýe hasabatynyň esasynda peýdalanyjylar tarapyndan kabul edilen ykdysady çözgütlere täsir edip bilýän bolsa, onda maglumatlar düýpli hasap edilýär.

Ynamdarlyk. Kompaniýanyň maliýe hasabatynda görkezilýän maglumatlar peýdalanyjylar üçin peýdaly bolar ýaly ynamly, ygtybarly bolmalydyr.

Maglumatlarda ýalňyşlyklar we ýoýulmalar bolmadyk bolsa we peýdalanyjylar olary peýdaly ulanyp bilen ýagdaýynda maliýe hasabatynyň maglumatlary ynamly bolup biler.

Maglumatlaryň ynamlylygyna onuň peýdalylygyny häsiýetlendirýän şu aşakdaky alamatlar bilen baha berilýär:

- görkezilişiň hakykatlygy;
- mazmunyň görnüşden ýokary bolmagy;
- deň bolmaklyk;
- hüşgärlilik;
- dolulyk.

Deňeşdirerlik. Buhgalter hasabynyň maglumatlarynyň deňeşdirerligi peýdalanyjylara dürli kompaniýalaryň ýa-da bir kompaniýanyň birnäçe hasabat döwürlerdäki hojalyk işleriniň analizi üçin zerurdyr.
Hasabat maglumatlarynyň deňeşdirilmegi birnäçe hasabat döwürleri üçin amala aşyrylýar.

Peýdalanjylar kompaniýanyň dürli döwürler üçin maliýe hasabatlaryny deňeşdirmäge mümkinçilikleri bolmalydyr. Deňeşdirmäniň esasynda kompaniýanyň maliýe ýagdaýynyň we iş netijeleriniň meýiliniň ugurlaryny kesgitleýärler.

Haçanda kompaniýanyň durnukly hasap syýasaty berjaý edilende hasabat maglumatlarynyň deňeşdirerligi has ýokarlanýar. Sebäbi hasap syýasaty buhgalter hasabynyň usulyýetini, emläge we borçnamalara baha bermegiň usullaryny, amallaryň ulgamlaşdyrylyşyny, olary jemlemegiň we buhgalter hasabatynda görkezmegiň usullaryny kesgitleýär.

Peýdalanyjylar maliýe ýagdaýyny, iş netijelerini we kompaniýanyň malýe ýagdaýynyň wagt geçmegi bilen üýgemegini deňeşdirmekligi isleýandikleri üçin maliýe hasabaty geçen döwürler üçin degişli maglumatlary özünde saklamalydyr.

3.3. Maliýe hasabatynyň elementleri

Maliýe hasabatynyň elementleri iki topara bölünýär:
- maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän elementler;
- maliýe netijelerini häsiýetlendirýän elementler.

Maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän elementlere degişli bolup durýar:
- aktiwler;
- borçnamalar;
- maýa.

Maliýe netijelerini häsiýetlendirýän elementlere şu aşakdakylar degişlidir:
- girdejiler;
- çykdajylar.

Aktiwler, borçnamalar we maýa baradaky maglumatlar buhgalter balansynda görkezilýär. Aktiwler bu geçen döwürlerde amala aşyrylan amallaryň, hadysalaryň netijesinde kompaniýanyň ygtyýaryndaky we olardan geljekde ykdysady bähbitlere garaşylýan resurslardyr, emläklerdir. Aktiwlerden alynjak geljekdäki ykdysady bähbit – bu pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň gelmeginden ýa-da pul serişdelerini tygşytlamak mümkinçiliginden ybaratdyr.

Geljekde ykdysady bähbitleriň gelmekliginiň ähtimallygy bar bolsa we aktiwiň gymmatyna ynamly baha berlen bolsa, onda aktiwler balansda ykrar edilýär.

Eger-de aktiw şu hasabat döwründe ykdysady bähbit getirmejek bolsa we diňe harajatlar bolsa, onda bu harajatlar peýdalar we zyýanlar baradaky hasabatda çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

Borçlar bu geçen döwürleriň amallarynyň we hadysalarynyň netijesinde döreýän kompaniýalaryň häzirki bergileri bolup, olaryň üzülmegi bilen ykdysady

bähbitleri bolan resurslaryň gitmegidir. Munuň netijesinde kompaniýada ykdysady bähbitler, ýagny hakyky aktiwler azalýar.

Eger-de borçlaryň üzülmegi netijesinde kompaniýadan ykdysady bähbitleri bolan resurslaryň gitmeginiň we bu üzlüşilýän ululygyň ynamly kesgitlenmeginiň ähtimallygy bar bolsa, onda borçlar buhgalter balansynda ykrar edilýär.

Maýa bu kompaniýanyň aktiwlerdäki paýydyr. Onuň möçberi kompaniýanyň ähli aktiwlerinden ähli borçlaryny aýryp kesgitlenýär. Başgaça aýdanyňda, maýa kompaniýanyň arassa aktiwleriniň ululygyny häsiýetlendirýär.

Şeýlelikde, aktiwler, borçlar we maýa balans deňlemesini emele getirýär:

$$M = A – B$$

Bu ýerde, M – maya;

A – aktiwler;

B – borçlar.

Bu balans deňlemesi aktiwleriň üsti bilen maýanyň emele gelşini görkezýär.

Balans deňlemesi boýunça aktiwleriň hususy maýanyň we borçlaryň üsti bilen emele gelşini görkezilişi:

$$A = M + B$$

Bu balans deňlemesini başga görnüşlerde we has anyklaşdyrylan böleklere bölünen görnüşde hem aňlatmak bolar. Girdejiler kompaniýanyň aktiwleriniň köpelmegi ýa-da borçlaryň azalmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu bolsa döredijileriň, paýdarlaryň goýumy bilen bagly bolmazdan, kompaniýanyň maýasynyň köpelmegine getirýär.

Halkara standartlaryna laýyklykda girdejiler iki topara bölünýär:

- adaty işden alynýan girdejiler;
- gaýry girdejiler.

Adaty işden alynýan girdejiler “satuwdan gelen serişdeler” diýip atlandyrylyp, ol kompaniýanyň esasy işiniň netijesinde alynýar. (önümleri, harytlary, hyzmatlary satmakdan gelen serişdeler we ş.m.).

Gaýry girdejilere esasy serişdeleri satmakdan emele gelýän girdejileri, walýuta kurs aratapawutlary we ş.m. degişlidir.

Girdejiler dürli aktiwleriň, şol sanda algylaryň artmagy görnüşinde, şeýle hem borçlaryň sazlaşdyrylmagy (üzülmegi) netijesinde ýüze çykýar.

Haçanda aktiwleriň köpelmegi ýa-da borçlaryň azalmagy bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň köpelmegi ýüze çyksa, onda girdeji peýdalar we zyýanlar baradaky hasabatda ykrar edilýär.

Çykdajylar adaty hojalyk işiniň dowamynda ýüze çykýar (mysal üçin, önüm öndürilende ýa-da hyzmat edilende).

Munuň ýaly çykdajylar satylan önümleriň (hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny emele getirýär we hasabatda satuwdan alnan girdejiler bilen deňeşdirilýär. Şu hasabat döwründe girdejiniň alynmazlygy degişli girdejini almak üçin edilen çykdajylary aktiwe geljek döwrüň çykdajylary tamamlanmadyk önümçilik harajatlary ýa-da haryt ätiýaçlyklary hökmünde degişli etmäge mümkinçilik berýär.

Harytlaryň we hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyna goşulýar: material harajatlar, zt haky, durmuş häsiýetli tölegler, amortizasiýa.

Adaty hojalyk işiniň dowamynda ýüze çykýan çykdajylardan başga hem, halkara stnadartlary geljekden haýsydyr bir ykdysady bähbit döretmejek çykdajylary hem kesgitleýär. Munuň ýaly çykdajylar aktiw hökmünde ykrar edilip bilinmez. (Esasy serişdeleriň we gaýry aktiwleriň satylmasynda, walýutanyň kursunyň üytgän ýagdaýýnda we ş.m. ýagdaýlarda ýüze çykan ýitgiler).

Adaty amallar boýunça çykdajylar şu amallar boýunça gelen girdejiler bilen gönüden-göni bagly aktiwleriň azalmagy we borçlaryň köpelmegi görnüşinde ýüze çykan hasabat döwründe peýdalar we zyýanlar baradaky hasabatda görkezilýär we ykrar edilýär.

Şeýlelikde, çykdajylar bu aktiwleriň gitmegi ýa-da resurslaryň azalmagy görnüşinde ýa-da maýanyň azalmagyna getirýän borçlaryň köpelmegi görnüşinde ykdysady bähbitleriň azalmagydyr.

Paýdarlara diwident görnüşinde tölenýän tölegler kompaniýanyň çykdajylary hasap edilmeýär.

Şeýlelikde, halkara standartlaryna laýyklykda çykdajylary iki topara bölüp görkezmek bolar:

- adaty iş boýunça çykdajylar;
- işiň gaýry görnüşleri boýunça çykdajylar (Bu çykdajylar bolup hem biler, bolman hem biler).

3.4. Maliye hasabatynyň düzümi we olaryň häsiýetnamasy

Maliýe hasabaty kärhananyň maliýe ýagdaýy, onuň üýtgeşmeleri, hojalyk işiniň netijeleri, dolandyryşyň netijeliligi baradaky maglumatlary özünde jemläp, ähli maglumat peýdalanyjylar üçin ýaramly bolmalydyr.

Hasabyň halkara standartlaryna laýyklykda maliýe hasabaty şu aşakdaky hasabat görnüşlerini özünde jemleýär:

1. Buhgalter balansy;
2. Peýdalar we zyýanlar baradaky hasabat;
3. Hususy kapitalyň hereketi baradaky hasabat;
4. Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat;
5. Düşündirişli goşundylar.

Maliýe hasabatynda hökmany tertipde görkezilmeli maglumatlar:

- hasabat berýän kompaniýanyň ady;
- hasabatyň görnüşi (jemlenen ýa-da özbaşdak hasabat);
- hasabatyň öz içine alýan döwri;
- hasabatyň walýutasy;
- hasabatdaky sanlaryň takyklyk derejesi.

“Buhgalter balansy” maliýe hasabatynyň has ähmiýetli görnüşleriniň biri bolup, onuň maglumatlarynyň esasynda kompaniýanyň maliýe ýagdaýyna, onuň maddalarynyň pula öwrülip bilmeklik mümkinçiligine we tölege ukyplylygyna baha bermek bolýar. Şeýle hem, onuň maglumatlarynyň esasynda kompaniýanyň işiniň dürli ugurlaryny häsiýetlendirýän görkezijileri hasaplamak bolýar. Şol sebäpli onuň maglumatlary peýdalanyjylar üçin ähmiýetlidir.

Buhaglter balansynda kompaniýanyň maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän düzüm bölekleri görkezilýär: aktiwler, borçlar we maýa. MHHS (IAS) 1 “Maliýe hasabaty bilen tanyşdyrmak” standartynda buhgalter balansyny düzmegiň umumy düzgünleri görkezilýär. Bu standartda onuň görnüşine kesgitli talaplar ýok. Anyk görnüş her kompaniýa boýunça özbaşdak kesgitlenýär.

Standartda balansyň maddalarynyň gutarnykly sanawy, olaryň ýerleşişiniň tertibi kesgitlenmeýär, maddalaryň atlary getirilmeýär. Bu standartda balansyň eke-täk tassyklanan görnüşi ýok. Ýöne onda iň azyndan buhgalter balansynda görkezilmeli maddalaryň sanawy görkezilýär.

- esasy serişdeler;
- gozgalmaýan maýa goýum emlägi;
- maddydäl aktiwler;
- maliýe aktiwleri:
- gatnaşmak usuly boýunça maýa goýumlar;
- biologiki aktiwler;
- ätiýaçlyklar;
- söwda boýunça we gaýry algylar;
- pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri;
- söwda boýunça we gaýry bergiler;
- bahalanýan borçlar;
- maliýe borçlary;
- gündelik salgyt tölegleri boýunça borçlar we aktiwler;
- soňa goýlan salgyt borçlary, soňa goýlan salgyt aktiwleri;
- hususy maýanyň düzümindäki az tarapyň paýy;
- baş kompaniýanyň hususy maýasynyň eýelerine degişli göýberilen maýa we ätiýaçlyklar;
- satmak üçin niýetlenen hökmünde hasap edilýän aktiwleriň we hasapdan gitmek toparynyň düzümindäki aktiwleriň jemlenen balans ululygy (MHHS IFRS 5 standarta laýyklykda);
- satmak üçin niýetlenen hökmünde hasap edilýän hasapdan gitmek toparynyň düzümindäki borçlaryň balans ululygy (MHHS (IFRS 5 standarta laýyklykda).

Her bir kärhana maliýe ýagdaýy barada ygtybarly we doly tanyşdyrylmagy üçin zerur bolan maglumatlary - maddalary buhgalter balansyna goşup biler.

MHHS (IAS) 1 “Maliýe hasabaty bilen tanyşdyrmak” standartyna laýyklykda pula öwrülip bilmeklik mümkinçiliginiň esasynda böleklere bölünmegi ygtybarly we talap edilýänden hem doly maglumat berýän ýagdaýyndan başga ýagdaýlarda,

kompaniýalar gysga we uzak möhletli aktiwleri hem-de gysga we uzak möhletli borçlary ayry-aýry bölümler hökmünde gönüden-göni balansda görkezmäge borçlydyrlar.

Haçanda pula öwrülip bilmeklik mümkinçiliginiň esasynda böleklere bölünmegi ulanylanda ähli aktiwler we borçlar olaryň pula öwrülip bilmeklik mümkinçiliginiň tertibinde görkezilmelidirler.

Şeýlelikde, bu standart kompaniýalara şol bir aktiwler baradaky maglumatlary olaryň gysga we uzak möhletli aktiwler hem-de gysga we uzak möhletli borçlar hökmünde toparlamasy esasynda, beýlekilerde bolsa pula öwrülip bilmeklik mümkinçiliginiň esasynda (egerde bu ygtybarly we talap edilýänden hem doly maglumat berýän bolsa) bermäge rugsat berýär.

Haçanda kompaniýa işiň dürli görnüşlerini amala aşyrýan bolsa, onda maglumatlary garyşyk görnüşinde bermek zerurlygy ýüze çykýar.

"Peýdalar we zyýanlar baradaky hasabat" kompaniýanyň maliýe hasabatynda esasy orun tutýar. Ol kompaniýanyň işiniň maliýe netijelerini görkezýär.
MHHS (IAS) 1 "Maliýe hasabaty bilen tanyşdyrmak" standartyna laýyklykda peýdalar we zyýanlar baradaky hasabatda iň azyndan görkezilmeli maddalaryň sanawy şu aşakdakylardan ybarat:

- satuwdan alnan serişdeler;
- maliýeleşdirmek boýunça harajatlar;
- kompaniýanyň hasabyň paýa gatnaşmak boýunça usulyna laýyklykda hasaba alnan birmeňzeş önümleri öndürýän we satýan birleşme kompaniýalaryň we bilelikdäki kärhanalaryň peýdalaryndaky ýa-da ýitgilerindäki paýy;
- salgytlar boýunça çykdajylar;
- adaty işlerden alnan peýda we zyýan;
- döwür üçin arassa peýda ýa-da zyýan;
- az tarapyň paýyna degişli bolan peýda ýa-da zyýan;
- baş kompaniýanyň hususy maýasynyň eýelerine degişli peýda ýa-da zyýan.

Maglumatlary peýdalanyjylara çykdajylaryň seljermesiniň geçirilmegi üçin mümkinçilik döretmek maksady bilen bu hasabatyň maddalaryny toparlandyrmak zerurdyr. Toparlamany şu aşakdaky usullaryň birini ulanyp geçirmek bolar:

- harajatlaryň häsiýeti (elementleri) boýunça;
- harajatlaryň funksional niýetlenişi boýunça.

Harajatlaryň häsiýeti (elementleri) boýunça usulynda çykdajylar şu aşakdaky maddalar boýunça görkezilýär: taýýar önümiň ätiýaçlyklarynyň we tamamlanmadyk önümçiligiň üýtgemesi, çig mallaryň we materiallaryň ulanylmagy, işgärleri höweslendirmeler üçin çykdajylar, amortizasiýa çykdajylary, gaýry çykdajylar.

Harajatlaryň funksional niýetlenişi boýunça usulynda çykdajylar şu aşakdaky maddalar boýunça görkezilýär: önümçilik üçin çykdajylar, ýerleşdirmek üçin çykdajylar, administratiw zerurlyklary üçin çykdajylar we ş.m.

Hususy maýadaky üýtgeşmeler barada hasabat

Hususy maýany saklamak we ony hojalyk işiniň netijesi boýunça artdyrmak islendik kompaniýanyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Hususy maýanyň artmagy kompaniýanyň işiniň netijeliliginiň ýokarlanýandygyny görkezýär. Şol sebäpli hususy maýanyň ululygy, dinamikasy, düzümi we ähli aktiwlerdäki paýy maliýe hasabatyny peýdalanyjylary, aýratyn hem maýa goýujylary gyzyklandyrýar.

Maýa bu kompaniýanyň ähli aktiwlerinden onuň ähli borçlaryny aýryp kesgitlenýär we onuň arassa aktiwleriniň ululygyny häsiýetlendirýär. Kompaniýanyň maýasyny şu aşakdaky toparlarda görkezmek bolar:

- paýdarlar tarapyndan goýlan maýa;
- paýlanmadyk peýda;
- paýlanmadyk peýdanyň hasabyna döredilen ätiýaçlyk.

MHHS (IAS) 1 "Maliýe hasabaty bilen tanyşdyrmak" standartyna laýyklykda, bu hasabatda azyndan şu aşakdaky maglumatlar görkezilmelidir:

- hasabat döwri üçin peýda ýa-da zyýan;
- beýleki standartlaryň we düşündirişleriň talaplaryna laýyklykda gönüden-göni hususy kapitalyň içinde ykrar edilen hasabat döwri üçin girdejileriň we çykdajylaryň ähli maddalary, şeýle hem bu maddalaryň ahyrky jemi.
- ýokarda getirilen iki maddanyň jemi hökmünde hasabat döwri üçin girdejileriň we çykdajylaryň jemi. Bu ýerde umumy jemi ikä bölüp görkezmeli:
  a) baş kompaniýanyň hususy maýasynyň eýelerine degişli bölegi;
  b) hususy maýanyň az tarapyň paýyna degişli bölegi.
- hasap syýasatyndaky üýtgemeleriň we ýalňyşlyklaryň düzedilmeginiň täsiri (hususy maýanyň her düzüm bölegi boýunça).

Bu maglumatlardan başga hem, kompaniýalar hususy maýadaky üýtgeşmeler barada hasabatda ýa-da maliýe hasabatyna edilýän belliklerde şu aşakdaky maglumatlary görkezmelidirler:

- hususy maýanyň eýeleri bilen amallaryň jemi;
- hasabat döwrüniň başyna we hasabat senesine paýlanmadyk peýdanyň ýa-da zyýanyň galyndysy, şeýle hem bu döwürde bolan degişli üýtgemeleri;
- hasabat döwrüniň başyna we ahyryna tölenen hususy maýanyň her görnüşiniň, emissiýa girdejisiniň we her bir ätiýaçlygyň balans gymmatyny deňeşdirip barlamasy.

Hasabat döwrüniň dowamynda maýanyň üýtgemegi kompaniýanyň arassa aktiwiniň köpelmegini ýa-da azalmagyny görkezýär.

Hususy maýanyň üýtgemegine getirýän esasy ýagdaýlar:

- kompaniýanyň eýeleri bilen diwidentler boýunça hasaplaşyklar we paýnamalaryň emissiýasy;
- peýdalar we ýitgiler baradaky hasabatda ykrar edilmedik peýdalar we zyýanlar;
- toplanan (paýlanmadyk) peýda;

- hasap syýasatyndaky üýtgemeler.

Hususy maýanyň ululygyna täsir edýän beýleki faktorlar maliýe hasabatyna belliklerde görkezilýär.

"Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat" maliýe hasabatynyň düzüm bölegi bolup durýar. Bu hasabat üçin aýratyn standart niýetlenen - BHHS (IAS) 7 "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat". Bu hasabat hasabat döwründe pul serişdeleriniň akymyny giňden häsiýetlendirýän görkezijileriň jemidir.

Pul serişdeleriniň akymy diýip pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň gelmegine we harçlanmagyna düşünilýär. Şeýlelikde, pul serişdeleriniň akymyna pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri degişlidir.

Pul serişdelerine kassadaky we banklardaky hasaplarda talap edilýänçä goýulan pul serişdeleri degişlidir.

Pul serişdeleriniň ekwiwalentleri bu gysga möhletli, ýokary derejede çalt we aňsat pula öwrülip bilmek mümkinçilikli hem-de gymmaty ähmiýetsiz derejede üýtgemek töwekgelçilikli maliýe goýumlarydyr. Dünýä tejribesinde pul serişdeleriniň ekwiwalentleri hökmünde adatça üç aýa çenli möhletli maliýe goýumlary hasap edilýär.

BHHS (IAS) 7 "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat" standartyna laýyklykda bu hasabatda hasabat döwri üçin pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň akymy operasion, maýa goýum we maliýe işleriniň pul serişdeleriň akymlaryna bölünen görnüşinde görkezilmelidir.

Operasion iş bu kompaniýanyň esasy amala aşyrýan, şeýle hem maýa goýum we maliýe işlerine degişli bolmadyk gaýry işleridir. Operasion işlere şu aşakdakylar degişlidir:

- harytlaryň satylmagyndan, hyzmatlaryň edilmeginden, karendeden pul serişdeleriniň gelmegi we beýleki girdejiler;
- harytlar we hyzmatlar üçin üpjün edijiler, kompaniýanyň işgärlerine pul tölegleri we beýlekiler.

Maýa goýum işi bu uzak möhletli aktiwleriň we pul ekwiwalentlerine degişli bolmadyk maliýe goýumlarynyň alynmagy we satylmagy bilen baglanyşykly işdir. Maýa goýum işleri boýunça pul akymlaryna degişli:

- esasy serişdeleriň maddy däl aktiwleriň we gaýry uzak möhletli aktiwleriň satyn alynmagy üçin pul tölegleri;
- beýleki kompaniýalardan paýlaryň, bilelikdäki kompaniýalara gatnaşmagyň paýlarynyň satyn alynmagy üçin pul tölegleri;
- hakujy pul tölegleri we beýleki kompaniýalara karzlaryň berilmegi we beýlekiler;
- esasy serişdeleriň, maddy däl aktiwleriň we beýleki uzak möhletli aktiwleriň satylmagyndan pul serişdeleriniň gelmegi;
- beýleki kompaniýalaryň paýlaryny, bilelikdäki kompaniýalaryň işine gatnaşmagyndan pul serişdeleriniň gelmegi.

Maliýe işi bu kompaniýanyň hususy maýasynyň we karz serişdeleriniň möçberiniň we düzümininiň üýtgemegine girýän amallaryň, işleriň jemidir. Maliýe işi boýunça pul akymlaryna degişli:

- paýnamalaryň emissiýasyndan we gaýry gymmatly kagyzlardan pul serişdeleriniň gelmegi;
- uzak we gysga möhletli karzlaryň alynmagy we beýlekiler;
- kompaniýanyň paýnamalaryny satyn almak ýa-da üzlüşmek üçin pul tölegleri;
- alnan karzlary üzmek üçin pul tölegleri;
- maliýe kärendesi boýunça bergileri üzmek üçin pul tölegleri we beýlekiler.

Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabatda kompaniýanyň ýokarda getirilen işleriniň üç görnüşleri aýratynlykda görkezilmelidir.

MHHS 7 standartda operasion iş boýunça pul serişdeleriň akymyny görkezmegiň usulyny saýlamaga mümkinçilik berýär. Hususanda, operasion iş boýunça görkezmegiň iki usuly göz öňünde tutulýar:

- göni usul;
- gytaklaýyn usul.

Göni usul ulanylanda ähli gelýän pul serişdeleriniň we tölegleriň esasy görnüşleri baradaky maglumatlar açylyp görkezilýär.

Gytaklaýyn usul ulanylanda operasion işden alnan pul serişdeleriniň hereketi baradaky maglumatlar buhgalter balansynyň we peýdalar we zyýanlar baradaky hasabatyň hem-de birnäçe buhgalter hasaplaryndan goşmaça alnan maglumatlaryň esasynda hasaplanýar.

Bap 4. Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň umumy häsiýetnamasy

4.1. Maliýe hasabatynyň halkara standartlary (MHHS) we olaryň ähmiýeti

Häzirki wagtda hereket edýän hasap we hasabat ulgamyny bazar ykdysadyýetiniň we halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk getirmek buhgalter hasabynyň has möhüm meselelerinin biri bolup durýar. Şol sebäpli bu ugurdan toplanan halkara tejribelerini, şeýle hem maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň talaplaryny öwrenmek aýratyn ähmiýete eýedir.

MHHS maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça Komiteti tarapyndan taýýarlanylýar we tassyklanylýar. Şeýle hem bu komitet tarapyndan maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna düşündirişler hem taýýarlanylýar.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça komiteti bu standartlary dünýäniň ähli ýurtlarynda ulanmak üçin işläp taýýarlaýar. Bu komitetiň işiniň esasy wezipesi dürli ýurtlarda kabul edilen hasabyň dürli standartlaryny sazlaşdyrmak, birmeňzeşlige getirmek bolup durýar. Halkara standartlarynyň ulanylmagy netijesinde ähli ýurtlarda hasabyň we hasabatyň görkezijileriniň hili we deňeşdirijiligi ýokarlanýar.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary hasabyň we hasabatyň milli we sebitleýin standartlary işlenilip taýýarlananda, ondan ugur almak üçin ulanylýar.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary maslahat beriji häsiýete eýedir we olary ulanmak boýunça karary ýurtlar özbaşdak kabul edýärler. Maliýe hasabatynyň halkara standartlary – bu düýp mazmuny boýunça dünýäde has ösen hasap ulgamlarynyň hasap boýunça jemlenen tejribesidir. Elbetde, maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň milli aýratynlyklary hasaba almazdan, gönüden-göni ulanylmagy, köp halatlarda milli hasap ulgamyna oňaýsyz täsir etmegi mümkin.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçmekligiň esaslary – bu maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň esasy ýörelgeleriniň ykrar edilmegidir.

Maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň halkara derejesinde ulanylmagy üçin olar şu aşakdaky hil häsiýetnamalaryna gabat gelmelidir:

- maglumatlaryň düşnükliligi;
- maglumatyň ýerlikliligi ýa-da ähmiýetliligi;
- maglumatlaryň ynamlylygy ýa-da ygtybarlylygy;
- maglumatlaryň deňeşdirip bolmaklygy.

Maglumatlaryň hil häsiýetnamalarynyň yzygiderli ulanylmagy we berjaý edilmegi hasabatyň ygtybarly we obýektiw bolmagyny üpjün edýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça komitet tarapyndan 2003-nji ýyla çenli taýýarlanan halkara standartlary IAS (Internation Accounting Standarts) diýip atlandyrylyp, olar köp derejede buhgalter hasabynyň standartlarydygyny görkezýär. Bu standartlar tertip belgisi boýunça 1-dan 41-e çenli bolup, olaryň köpüsi başga standart bilen çalşyrylmagy, başga standarta doly ýa-da

bölekleýin goşulmagy, täze standartyň girizilmegi netijesinde ulanyşdan aýryldy. Şeýlelik-de, buhgalter hasabynyň halkara standartlary (IAS) derejesinde bu 41 standartdan häzirki wagtda 29-sy hereket edýär (1-nji goşundy).

Ulanyşdan aýrylan buhgalter hasabynyň halkara standartlary (IAS): 3, 4, 5, 6, 9, 13, 14, 15, 22, 25, 30, 35.

2003-nji ýyldan soň kabul edilen halkara standartlary IFRS (Internation Financial Reporting Standarts) diýip atlandyrylyp, bu doly manysynda maliýe hasabatynyň halkara standartlaryny (MHHS) aňladýar. Täze at bilen maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň (IFRS) 8-si kabul edildi (1-nji goşundy).

4.2. Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň gysgaça häsiýetnamasy

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna gysgaça häsiýetnama bereliň.

BHHS (IAS) 1 "Maliýe hasabatyny tanyşdyrmak"

Bu standartda maliýe hasabatyny düzmeklige bildirilýän umumy talaplar, onuň düzümi boýunça maslahatlar we hasabatyň mazmunyna bildirilýän iň pes talaplar beýan edilýär.

Bu standart MHHS laýyklykda taýýarlanýan umumy maksatly ähli maliýe hasabatlaryny düzmek üçin hökmany tertipde ulanylmalydyr. Umumy maksatly maliýe hasabaty – bu anyk maglumatlara bolan islegini kanagatlandyrjak hasabatlaryň berilmegini talap etmäge mümkinçiligi bolmadyk maglumat peýdalanyjylaryň islegini kanagatlandyrmak üçin niýetlenen hasabatdyr.

Hasabyň halkara standartlaryna laýyklykda maliýe hasabaty şu aşakdaky hasabatlary özünde jemleýär:

1. Buhgalter balansy;
2. Peýdalar we zyýanlar baradaky hasabat;
3. Hususy kapitalyň hereketi baradaky hasabat;
4. Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat;
5. Düşündirişli goşundylar.

BHHS (IAS) 2 "Ätiýaçlyklar"

Bu standartyň maksady ätiýaçlyklaryň hasabynyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Aktiw hökmünde ykrar edilmäge degişli we ykrar edilýänçä soňky döwürlere geçirilmeli harajatlaryň ululygynyň kesgitlenmegi ätiýaçlyklaryň hasabynda esasy mesele bolup durýar. Şeýle hem bu standartda özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary getirilýär.

BHHS (IAS) 7 "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat"

Kompaniýanyň pul serişdeleriniň hereketi baradaky maglumatlary ykdysady dolandyryş çözgütleri kabul etmek üçin maliýe hasabatyny peýdalanyjylara peýdaly bolup durýar. Bu maglumatlar olary peýdalanyjylara kompaniýanyň pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini döretmäge bolan mümkinçiligine baha

bermäge, şeýle hem pul serişdelerine bolan zerurulyklaryna baha bermäge mümkinçilik berýär.

Kompaniýa pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabaty bu standartyň talaplaryna laýyklykda taýýarlaýar. Bu hasabat maliýe hasabatynyň düzüm bölegi hökmünde çykyş edýär.

BHHS (IAS) 8 "Hasap syýasaty, buhgalter baha bermekdäki üýtgeşmeler we ýalňýşlyklar"

Bu standart tarapyndan hasap syýasatyny saýlamagyň we üýtgetmegiň kriteriýasy, şeýle hem hasap syýasatynda, hasaplanan baha bermekde üýtgeşmeleriň we ýalňýşlyklary düzetmekligiň hasabynyň we açyp görkezilişiniň tertibi kesgitlenýär.

BHHS (IAS) 10 "Hasabat senesinden soňky hadysa"

Bu standart bilen hasabat senesinden soňky hadysany hasaba alyp, guramalaryň maliýe hasabatynyň görkezijilerinde haçan düzedişler girizmelidikleri bellenilýar, şeýle hem , guramanyň açyp görkezmeli maglumatlaryna bildirilýän talaplar kesgitlenýär.

Bu standart hasabat senesinden soňky bolup geçen hadysalar baradaky maglumatlar hasaba alnanda we açylyp görkezilende ulanylmaga degişlidir.

BHHS (IAS) 11 "Potrat şertnamalary"

Bu standartyň maksady potrat boýunça şertnamalar bilen baglanyşykly girdejileriň we harajatlaryň hasabynyň tertibini bellemekden ybaratdyr.

Potrat şertnamalary boýunça işleriniň başlanýan we tamamlanýan senesi köplenç dürli hasap döwürlerine gabat gelýar.

Şeýlelikde, bu potrat şertnamalary boýunça girdejileriň we harajatlaryň işleri amala aşyrylan hasap döwürleri boýunça paýlanyşy potrat şertnamalarynyň hasabynyň esasy meselesi bolýar.

Potrat şertnamalary boýunça girdejileri we harajatlary degişli hasabat döwürleri boýunça paýlamagyň düzgünleri maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we tabşyrmagyň ýörelgelerine laýýklykda bu standartda bellenýär.

Bu standart gurluşyk guramalarynyň maliýe hasabatynda potrat şertnamalarynyň hasaby üçin ulanylýar.

BHHS (IAS) 12 "Peýda salynýan salgytlar"

Bu standart bilen peýda salynýan salgytlaryň hasabynyň tertibi bellenýär.

Standart iki esasy meseläni çözmäge mümkinçilik berýär:

- peýda salynýan gündelik salgytlary nähili hasaba almaly;
- balansda ykrar edilen aktiwleriň balans gymmatynyň öweziniň dolunmagyndan we borçlaryň üzülmeginden, şeýle hem maliýe hasabatynda ykrar edilen hasabat döwrüniň amallaryndan we hadysalaryndan gelýän geljekki salgyt netijelerini nähili hasaba almaly.

Bu ýerde esasy mesele soňa goýulan salgytlaryň hasaby bolup durýar.

MHHS 12 ”Peýda salynýan salgytlar” standarty peýda salynýan ähli milli we daşary yurt salgytlarynyň hasaby üçin ulanylýar.

BHHS (IAS) 16 “Esasy serişdeler”

Bu standart bilen esasy serişdeleriň hasabynyň tertibi bellenýär. Oňa laýyklykda hasap maliýe hasabatyny peýdalanyjylar guramanyň esasy serişdelere goýan goýumlary, goýumlardaky üýtgeşmeler barada maglumatlary alyp biler ýaly tertipde guralmalydyr. Esasy serişdeleriň hasabynda olaryň aktiw hökmünde ykrar edilmegi, esasy serişdeleriň balans gymmatynyň kesgitlenmegi, amortizasiýa, bahanyň pese düşmeginden ýitgiler esasy meseleler bolup durýar. MHHS 16 “Esasy serişdeler” standarty boýunça esasy serişdeleriň hasabynyň meselelerine 4-nji bapda seredilýär.

BHHS (IAS) 17 “Kärende”

Bu standart kärende boýunça amallary görkezmek üçin ulanylýar.

Standartyň esasy maksady kärende şertnamalaryna görä kärendeçiler we kärendä berijiler tarapyndan ulanmak üçin degişli hasap syýasatynyň we maglumatlary açyp görkezmegiň düzgünleriniň kesgitlenmeginden ybaratdyr.

Standart 17 “Kärende” şu aşakda getirilýän kärende şertnamalaryndan başga kärendäniň ähli görnüşleriniň hasaby üçin ulanylýar:

- gözleglerin ýa-da gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň, nebitiň, tebigy gazyň we beýleki dikelmeýän resurslaryň ulanylmagynyň kärende şertnamalary;
- kinofilmler, wideo ýazgylar, pýesalar, golýazmalar, petentler we awtorlyk hukuklary ýaly obýektler üçin ygtyýarnamaly ylalaşyklar.

BHHS (IAS) 18 “Satuwdan gelýän serişdeler”

Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we tabşyrmagyň ýörelgelerinde girdeji hasabat döwrüniň dowamynda aktiwleriň gelmegi ýa-da köpelmegi ýa-da kapitalyň köpelmegine getirýän borçlaryň azalmagy görnüşinde ykdysady bähbitleriň köpelmegi hökmünde kesgitlenýär.

Girdeji satuwdan gelen serişdeleri we gaýry girdejileri öz içine alýar.

Bu standartyň maksady adaty işlerden gelýän serişdeleriň hasabyny beýan etmekden ybaratdyr.

Satuwdan gelen serişdeleriň hasabynda olaryň ykrar edilýän pursadynyň kesgitlenmegi esasy mesele bolup durýar. Bu standart bilen satuwdan gelen serişdeleri ykrar etmegiň kriteriýalary kesgitlenýär.

Şeýlelikde, standart harytlary satmakdan, hyzmatlary etmekden, kompaniýanyň aktiwleriniň beýleki tarapdan ulanylmagyndan alnan serişdeleriň hasaby ýöredilende ulanylýar.

BHHS (IAS) 19 “Işgärlere höweslendirmeler”

Bu standart bilen işgärleri höweslendirlişi baradaky maglumatlaryň hasabynyň we açylyp görkezilişiniň düzgünleri bellenýär.

MHHS 19 “Işgärlere höweslendirmeler” standarty MHHS (IFRS) 2 “Paý esasynda tölegler” standartynda göz öňünde tutulan töleglerden başga işgärlere tölenýän ähli höweslendirmeleriň hasaby üçin ulanylýar.

Standartda höweslendirmeleriň dört sany kategoriýasy kesgitlenýär:

- gysga möhletli;
- zähmet işiniň tamamlanmagy boýunça;
- gaýry uzak möhletli höweslendirmeleri;
- işden çykandaky kömek puly.

Standart dürli görnüşlerde ýerine ýetirilen iş üçin işgärlere tölenýän höweslendirmäniň görnüşlerini kesgitleýär:

- zähmet haky;
- zähmet rugsady döwri üçin töleg;
- saglyk ätiýaçlandyrmasy we hyzmaty;
- peýda gatnaşmagy;
- pensiýa höweslendirmesi we ş.m.

BHHS (IAS) 20 “Döwlet kömekleriniň hasaby we döwlet kömegi baradaky maglumatlaryň açyklamasy”

Bu standart döwlet kömekleri we beýleki döwlet kömekleriniň görnüşleri baradaky maglumatlaryň hasabynda we açyklamasynda ulanylýar.

BHHS (IAS) 21 “Walýuta kurslarynyň üýtgemeleriniň täsiri”

Bu standart amallary daşary yurt walýutasynda görkezmegiň, guramanyň maliýe hasabatynda daşary ýurtdaky işleriniň netijelerini görkezmegiň, şeýle hem maliýe hasabatynyň görkezijileriniň hasabaty tabşyrylýan walýuta geçirmekligiň tertibini kesgitleýär.

Bu ýerde haýsy çalşylýan kurslaryň ulanylmalydygy we onuň netijesinde döreýän üýtgemeleriň maliýe hasabatynda nähili görkezilmelidigi esasy mesele bolup durýar.

BHHS (IAS) 23 “Karzlar boýunça harajatlar”

Bu standartyň maksady karzlar boýunça harajatlaryň hasapda görkezilişiniň usulyny kesgitlemekden ybarat. Kompaniýanyň karz serişdeleri almak bilen baglanyşykly eden çykdajylary karzlar boýunça harajatlardyr.

Bu standartda karzlar boýunça harajatlaryň hasabynyň esasy we alternatiw usuly bellenýär. Hasabyň esasy usulynda karzlar boýunça harajatlary olaryň amala aşyrylan döwrüniň çykdajylary hökmünde ykrar edilmegi göz öňünde tutulýar. Hasabyň alternatiw usuly ulanmak ýa-da satmak üçin taýýarlanylmagyna ep-esli wagt talap edýän aktiwleriň alynmagy, gurluşygy ýa-da döredilmegi bilen baglanyşykly karzlar boýunça harajatlary olaryň ilkibaşky gymmatyna goşmaga rugsat berýär. Bu ýagdaýda kompaniýanyň geljekde ykdysady bähbit almak mümkinçiligi bolmalydyr we karzlar boýunça harajatlar ynamly bahalandyryl-malydyr.

BHHS (IAS) 24 “Baglanyşykly taraplar baradaky maglumatlaryň açyklamasy”

Bu standart hasabat berýän kompaniýalaryň arasynda amala aşyrylýan we onuň taraplar bilen baglanyşykly amallaryň hasabynyň we maliýe hasabatynda görkezilişiniň tertibini kesgitleýär.

Egerde taraplaryň biri beýlekisine gözegçilik edip bilýän bolsa ýa-da oňa maliýe çözgütlerini kabul edende ähmiýetli derejede täsir edip bilýän bolsa, onda ol taraplar baglanyşykly taraplar diýip hasap edilýär.

Bäs kompaniýa öz işiniň bir bölegini özbaşdak balansda duran şahamça kärhanalaryň, birmeňzeş önümleri öndürýän we satýan birleşme kompaniýalaryň we bilelikdäki kärhanalaryň üsti bilen amala aşyrýar. Bu baglanyşykly taraplaryň arasynda emele gelýän ykdysady özara gatnaşyklaryň özüne mahsus bolan aýratynlyklary bar.

Bu standart diňe bagly taraplaryň özara gatnaşyklaryna degişli bolup durýar.

BHHS (IAS) 26 “Pensiýa meýilnamasy boýunça hasap we hasabat”

Bu standart kompaniýalarda pensiýa meýilnamasy boýunça hasabaty düzmek üçin ulanylýar.

MHHS 19 “Işgärlere höweslendirme” standarty pensiýa meýilnamasy bolan kompaniýanyň maliýe hasabatynda pensiýa üpjünçiligi boýunça harajatlaryň kesgitlenişini görkezýär. Şol sebäpli 26 “Pensiýa meýilnamasy boýunça hasap we hasabat” standart 19 “Işgärlere höweslendirme” standartynyň üstüni ýetirýär.

BHHS (IAS) 27 “Jemleýji we özbaşdak maliýe hasabaty”

Bu standart baş kompaniýanyň gözegçiliginde bolan kompaniýalaryň topary üçin jemleýji maliýe hasabaty taýýarlananda we tabşyrylanda ulanylýar.

Bas kompaniýa diýip beýleki bir kompaniýanyň kapitalynyň köp bölegi özüne degişli bolan we onuň işine gözegçilik edýän kompaniýa aýdylýar.

BHHS (IAS) 28 “Birmeňzeş önümleri öndürýän we satýan birleşme kompaniýalara maýa goýumlar”

Bu standart birmeňzeş önümleri öndürýän we satýan birleşme kompaniýalara goýulan maýa goýumlaryň hasabynyň tertibini kesgitleýar.

Birmeňzeş önümleri öndürýän we satýan birleşme kompaniýasy diýip, öz işine baş kompaniýa (maýa goýujy) tarapyndan düýpli täsiri ýetirilýän we onuň üçin şahamça, bilelikdäki kompaniýa bolmadyk kompaniýa aýdylýar. Düýpli täsir diýip, kompaniýanyň hojalyk işleri boýunça kararlar kabul edilende gatnaşmaga bolan mümkinçilige aýdylýar we oňa gözegçiligi amala aşyryp bilmeýär.

BHHS (IAS) 29 “Aňyrçäk hümmetsizlenme şertlerinde maliýe hasabaty”

Bu standart aňyrçäk hümmetsizlenmeli ykdysadyýetli ýurduň walýutasynda ilkinji we jemleýji maliýe hasabatyny düzmegiň tertibini kesgitlemek üçin

niýetlenendir. Aňyrçäk hümmetsizlenme şertlerinde hasabata gaýtadan seretmezden milli walýutada hojalyk işleriniň netijeleri boýunça hasabaty tabşyrmak netijesizdir.

29 "Aňyrçäk hümmetsizlenme şertlerinde maliýe hasabaty" standartda aňyrçäk hümmetsizlenme şertlerinde maliýe hasabatynyň görkezijilerini gaýtadan hasaplamagyň tertibi göz öňünde tutulýar.

BHHS (IAS) 31 "Bilelikdäki işlere gatnaşmak"

Bu standarta bilelikdäki kompaniýa işine gatnaşmak paýynyň hasabynyň we bilelikdäki kompaniýanyň aktiwleri, borçnamalary, girdejileri we çykdajylary boýunça hasabatyň tertibi göz öňünde tutulýar.

Standart bilelikdäki işiň üç görnüşini kesgitleýär:

- bilelikde gözegçilik edilýän amallar;
- bilelikde gözegçilik edilýän aktiwler;
- bilelikde gözegçilik edilýän kompaniýalar.

Bilelikde gözegçilik edilýän amallarda oňa gatnaşyjylar öz hususy resurslaryny ulanýarlar we bilelikdäki işi amala aşyrýarlar.

Her bir gatnaşyjy tarap özüne düşýän işiň bölegini ýerine ýetirýär we bu amallardan alnan girdejiden öz paýyny alýar.

Bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerde kompaniýalar bilelikde gözegçilik edilýän aktiwleri bilelikdäki amala aşyrylýan işiň bähbidine ulanýarlar. Bu işden alnan girdejiniň bir bölegi gatnaşýan tarapa degişli bolýar we ol çykdajylaryň degişli bölegini öz üstüne alýar.

Bilelikde gözegçilik edilýän kompaniýalar bu her bir gatnaşyjynyň hususy paýy bolan bilelikdäki kompaniýanyň döredilmegini aňladýar.

Kompaniýa gatnaşyjy taraplar kompaniýanyň işine bilelikdäki gözegçiligi amala aşyrýarlar we işiň netijeleri boýunça öz paýyny alýarlar.

BHHS (IAS) 32 "Maliýe instrumentleri – tanyşdyrmak"

Bu standartyň maksady maliýe hasabatyny peýdalanyjylaryň kompaniýanyň maliýe ýagdaýyna, işiniň netijelerine we pul serişdeleriniň hereketine baha bermek işinde maliýe gurallarynyň ähmiýetine has çuňňur düşünmeklerine täsir etmekden ybaratdyr. Bu standart maliýe gurallary baradaky maglumatlary tabşyrmak boýunça talaplary kesgitleýär.

BHHS (IAS) 33 "Paýnama düşýän peýda"

Bu standart her paýnama düşýän peýdanyň möçberini hasaplamagyň we şol bir hasabat döwründe dürli kompaniýalaryň işiniň netijelerini, şeýle hem bir kompaniýanyň dürli hasabat döwürlerindäki işiniň netijelerini deňeşdirmek üçin ulanylýan maglumatlary maliýe hasabatynda görkezmegiň ýörelgelerini kesgitleýär.

Standart paýnamalaryň ähli görnüşlerine takyk kesgitleme berýär hem-de olaryň ulanylyşynyň we hasabynyň usulyýetini kesgitleýär.

BHHS (IAS) 34 "Aralykdaky maliýe hasabaty"

Aralykdaky maliýe hasabaty bu kompaniýanyň doly maliýe ýylyndan gysga bolan döwür üçin doly ýa-da gysgaldylan hasabat maglumatlaryny özünde jemleýän maliýe hasabatydyr.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatyny düzýän kompaniýalara aralykdaky hasabaty düzmegiň iki ýoly görkezilýär:

- doly;
- gysgaldylan.

BHHS (IAS) 36 "Aktiwleriň bahasynyň pese düşmegi"

Standartda aktiwleriň olaryň öwezi dolunýan jeminden ýokary bolmadyk gymmaty boýunça hasabynyň tertibi göz öňünde tutulýar.

Haçanda aktiwleriň balans gymmaty bazar bahalary boýunça gymmatyndan ýokary bolan ýagdaýynda aktiwleriň gymmaty öwezi dolunýan jemden ýokary bolýar. Bu ýagdaýda kompaniýa aktiwleriň bahasynyň pese düşmeginden zýyany ykrar etmeli we bu maglumaty hasabatda görkezmeli.

BHHS (IAS) 37 "Ätiýaçlyklar, şertli borçnamalar we şertli aktiwler"

Bu standartyň maksady ätiýaçlyklary, şertli borçnamalary we şertli aktiwleri ykrar etmegiň degişli kriteriýalaryny we baha bermegiň esaslaryny bellemekden, şeýle hem maliýe hasabatyndaky belliklerde zerur we ýeterlik maglumatlaryň düzümini kesgitlemekden ybaratdyr.

Ätiýaçlyk bu ululygy boýunça näbelli bolan borçnamadyr. Ähli ätiýaçlyklar şertli bolup durýar. Sebäbi olaryň jemi ýa-da wagty näbelli bolup durýar.

Ätiýaçlyklar şu aşakdaky ýagdaýlarda ykrar edilýär:

- geçen wakalaryň netijesi hökmünde kompaniýada gündelik borçnamalar bolan ýagdaýynda;
- borçnamalaryň üzlüşilmegi üçin resurslaryň hasapdan giden ýagdaýynda;
- borçnamalara ynamly baha berlen ýagdaýynda.

Şertli borçnama bu bolup biljek borçnama bolup, geçen wakalardan ýüze çykýar we kompaniýanyň gözegçiliginde bolman, onuň bolmagy näbelli wakalaryň güýje girmegi ýa-da biriniň ýa-da ondan köpüsiniň güýje girmezligi bilen tassyk bolýar.

Ýeterlik derejede baha bermek mümkinçiligi şertli borçnamalaryň ykrar edilmegi üçin zerurdyr. Şertli borçnamalar hasabatda ykrar edilmeýär. Sebäbi onuň ykrar edilmegi girdejiniň ykrar edilmegine getirmegi mümkin. Girdejiniň bolsa alynmazlygy mümkin. Eger-de girdejiniň hakykatdan-da hem alynmagy mümkin bolsa, onda degişli aktiw bu yagdaýda şertli bolmaýar. Bu bolsa onuň ykrar edilmegine getirýär.

Şertli aktiw bu bolup biljek aktiw bolup, geçen wakalardan ýüze çykýar we kompaniýanyň gözegçiliginde bolman, onuň bolmagy näbelli wakalaryň güýje girmegi ýa-da biriniň ýa-da ondan köpüsiniň güýje girmezligi bilen tassyk bolýar.

Haçanda ykdysady bähbidiň alynmagy ähtimal bolsa, onda şertli aktiw ykrar edilýär.

BHHS (IAS) 38 “Maddy däl aktiwler”

Bu standart maddy däl aktiwleriň hasabynyň, ykrar edilişiniň we baha bermegiň, şeýle hem zerur maglumatlaryň maliýe hasabatynda açylyp görkezilişiniň tertibini kesgitleýär.

Bu standartyň mazmunyna 5-nji bapda giňişleýin seredilýär.

BHHS (IAS) 39 “Maliýe instrumentleri : ykrar etmek we baha bermek”

Bu standartyň maksady maliýe aktiwlerini, maliýe borçnamalaryny we maliýe däl maddalaryň satyn alynmagy ýa-da satylmagy baradaky birnäçe şertnamalary ykrar etmegiň we olara baha bermegiň ýörelgelerini kesgitlemekden ybaratdyr.

Maliýe guraly bu şertnama bolup, onuň netijesinde bir wagtda bir kompaniýada maliýe aktiwi, beýlekide bolsa maliýe borçnamasy ýa-da paý guraly ýüze çykýar.

BHHS (IAS) 40 “Maýa goýum eýeçiligi”

Bu standartyň maksady maýa goýun eýeçliginiň hasabynyň we hasabatda görkezilişiniň tertibini belleýär.

Standart maýa goýum eýeçiligi ykrar edilende, oňa baha berlende we bu baradaky maglumatlaryň açyklamasynda ulanylýar.

Maýa goýum eýeçiligi bu onuň eýesiniň ýa-da maliýe kärendesi boýunça kärendeçiniň ygtyýarynda bolan we kärende töleglerini almak ýa-da kapitalyň gymmatynyň artmagyny gazanmak maksady bilen ulanylýan gozgalmaýan emläkdir. (Ýer parçalary ýa-da jaýlar, ýa-da onuň bölegi we ş.m.)

Olar önüm öndürmek we satmak üçin ulanylmaýar.

Maýa goýum eýeçiligi aktiw hökmünde ykrar edilýär, haçanda:

- bu eýeçilik bilen baglanyşykly obýektden ykdysady bähbitleriň gelmek ähtimallygy bolanda;
- oňa ygtybarly baha bermek mümkinçiligi bolanda.

BHHS (IAS) 41 “Oba hojalygy”

Bu standart beýleki standartlarda seredilmeýän oba hojalyk işleriniň hasabynyň, bu baradaky maglumatlaryň hasabatda görkezilişiniň we açyklamasynyň tertibini kesgitleýär.

Bu standartda biologiki aktiwleri we oba hojalyk önümlerini ykrar etmegiň kriteriýalary we olara baha bermegiň tertibi kesgitlenýar.

Oba hojalyk işi bu oba hojalyk önümlerini satmak, almak ýa-da goşmaça biologiki aktiwleriň önümçiligi maksady bilen biologiki aktiwleriň üýtgemegini dolandyrmak bolup durýar.

Oba hojalyk önümi bu kompaniýanyň biologiki aktiwlerden alan önümleridir. (ýüň, süýt, pagta, üzüm we ş.m.).

Biologiki aktiw bu jandarlar ýa-da ösümliklerdir. Biologiki aktiwler iki topara bölünýär:

- sarp edilýän;
- önüm berýän.

Sarp edilýän biologiki aktiwlere oba hojalyk önümi görnüşinde ýygnalýan ýa-da biologiki aktiw görnüşinde satylýan aktiwler degişlidir.

Önüm berýän biologiki aktiwlere sarp edilýän biologiki aktiwlere degişli bolmadyk ähli gaýry biologiki aktiwler degişlidir.

Oba hojalyk işi işiň dürli görnüşlerini öz içine alýar: maldarçylyk, önümçilik, tokay hojalygy we beýlekiler.

Işiň bu görnüşleri şu aşakdaky umumy häsiýetleri özünde jemleýär:

- üýtgemäge ukyplylyk. Bu biologiki aktiwleriň üytgemegini, oba hojalyk önümleriniň önümçiligini (süýt, ýüň) aňladýar. Biologiki aktiwleriň üýtgemegi jandarlaryň mukdarynyň köpelmeginde, olaryň hil häsiýetleriniň gowulanmagynda ýa-da olaryň mukdarynyň azalmagynda we hil häsiýetleriniň ýaramazlaşmagynda ýa-da jandarlaryň, ösümlikleriň goşmaça önümçiliginde ýüze çykýar.
- üytgemeleri dolandyrmak mümkinçiligi (amatly şertleriň döredilmegi).
- görkezijileriň hil we mukdar üýtgemelerine baha bermek we gözegçilik etmek mümkinçiligi.

MHHS (IFRS) 1 “Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň ilkinji gezek kabul edilmegi”

Bu standart haçanda kompaniýa ýyllyk we aralykdaky maliýe hasabatyny maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanda ilkinji gezek maliýe hasabatynyň halkara standartlary kabul eden ýagdaýynda ulanylýar.

Kompaniýanyň maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça taýýarlan birinji maliýe hasabaty bu kompaniýanyň halkara standartlaryna laýyk gelýän ilkinji ýyllyk maliýe hasabatydyr. Bu hasabatda kompaniýa halkara standartlaryny onuň talaplaryna laýyklygy baradaky göni aňladylan we düşündirişsiz arzanyň üsti bilen kabul edýär.

Kompaniýa maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçýän pursatynda halkara standartlary boýunça başlangyç balansy taýýarlamaga borçludyr. Munuň üçin şu aşakdaky işleri amala aşyrmak zerurdyr:

- halkara standartlarynda ykrar edilmegi talap edilýän ähli aktiwleri we borçnamalary ykrar etmeli;
- eger-de ykrar edilmegi maliýe hasabatynyň halkara standartlarynda göz öňüňde tutulmaýan balansyň maddalaryny aktiw we borçnama hökmünde ykrar etmeli däl.
- aktiwleri we borçnamalary olaryň halkara standartlaryna laýyklykda toparlara degişliligini anyklamak maksady bilen gaýtadan toparlamaly;
- ykrar edilen ähli aktiwlere we borçnamalara baha bermek üçin halkara standartlaryny ulanmaly.

MHHS (IFRS) 2 "Paý esasynda tölegler"

Bu standartyň maksady paý esasynda tölegler bilen geleşikler amala aşyrylanda kompaniýanyň maliýe hasabatynyň mazmunyny kesgitlemekden ybaratdyr.

Kompaniýa paý esasynda tölegler bilen amala aşyrylan geleşikleriň netijeleri baradaky maglumatlary maliýe hasabatynda görkezmelidir. Bu standart 2005-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap ulanylýar.

MHHS (IFRS) 3 "Işewürligiň birleşmegi"

Bu standartyň maksady kompaniýalaryň birleşdirilmegi amala aşyrylanda maliýe hasabatynyň mazmunyny kesgitlemekden ybaratdyr.

MHHS (IFRS) 4 "Ätiýaçlandyrmanyň şertnamalary"

Bu standartyň maksady ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça kompaniýanyň maliýe hasabatyny taýýarlamagynyň tertibini anyklamakdan ybaratdyr.

Bu standartyň ulanylýan ýeri bolup ätiýaçlandyryş şertnamalary çykyş edýär.

MHHS (IFRS) 5 "Satmak üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler we işiň togtadylmagy"

Bu standartyň maksady satmak üçin niýetlenen aktiwleriň hasabynyň, şeýle hem işiň togtadylmagy baradaky maglumatlary tabşyrmagyň we açyp görkezmegiň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr.

Bu standart togtadylýan iş hökmünde hasaplanýan ähli dolanyşykdan daşary aktiwler we ähli gidýän toparlar üçin ulanylýar.

Ýöne oňa şu aşakdakylar degişli däldir:

- soňa goýlan salgyt aktiwler;
- işgärlere tölegler we pensiýa meýilnamasy bilen baglanyşykly ýüze çykýan aktiwler;
- maliýe gurallary hökmünde hasaba alnan maliýe aktiwleri;
- maýa goýum eýeçiligine ýa-da biologiki aktiwlere degişli edilen dolanyşykdan daşary aktiwler;
- ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýüze çykýan hukuklar.

Kompaniýanyň içinde ulanylmagy togdadylan dolanyşykdan daşary aktiwler satmak üçin niýetlenen aktiwler hökmünde hasap edilýär. Olaryň balans gymmatynyň öwezi olary satmak bilen dolunýar.

Bu dolanyşykdan daşary aktiwler islendik pursatda satylmaga taýýardyr. Satmak üçin niýetlenen bu dolanyşykdan daşary aktiwler standarta laýyklykda bir ýylyň dowamynda satylmaga degişli bolup durýar. Olar bu döwürde gysga möhletli aktiwler hökmünde hasaba alynýar. Eger-de satmak meýilnamasy üýtgese ýa-da satmak işi saklansa, onda olar bir ýyldan soň ýene-de dolanyşykdan daşary aktiwler hökmünde hasaba alynýar. Eger-de satmak boýunça gepleşikler gurtanykly bolup, ýöne iki tarapa bagly bolmadyk sebäplere görä bu iş saklanýan bolsa, onda olar bir ýyldan soň dolanyşykdan daşgary aktiwleriň hasabyna geçirmekden saklanylýar.

MHHS (IFRS) 6 “Mineral resurslaryň gözlegi we olara baha bermek”

Mineral resurslar, ýagny gazylyp alynýan peýdaly zatlar, şol sanda nebit, tebigy gaz we beýleki ş.m. dikeldilmeýän resurslar häzirki zaman önümçiliginiň esaslary bolup durýar.

Mineral resurslaryň gözlegini we olara baha bermek işini amala aşyrýan guramalaryň maliýe hasabatyny häsiýetlendirmek MHHS (IFRS) 6 “Mineral resurslaryň gözlegi we olara baha bermek” standartyň maksady bolup durýar.

Bu standart 2006-njy ýyldan ulanylyp başlandy.

Bu standart şu aşakdakylary kesgitleýär:

- mineral resurslaryň gözlegi we olara baha bermek boýunça harajatlaryň hasabynyň guralyşynyň we usullarynyň kämilleşdirilmegini;
- mineral resurslaryň gözlegi we olara bermek boýunça çykdajylar bilen baglanyşykly aktiwleri ykrar etmegiň tertibini, şeýle hem olaryň bahasynyň pese düşmegini anyklamak zerurlygyny;
- mineral resurslaryň gözlegi we olara baha bermek baradaky maglumatlaryň açyklamasyny.

MHHS (IFRS) 7 “Maliýe instrumentleri – maglumatlaryň açyklamasy”

Bu standart tarapyndan guramalaryň maliýe hasabatynda maliýe gurallary baradaky maglumatlaryň açyklamasyna bildirilýän talaplary kessgitleýär.

Oňa laýyklykda guramalar öz maliýe hasabatlarynda maliýe hasabatyndan peýdalanyjylara maliýe gurallarynyň ähmiýetine, şeýle hem maliýe gurallarynyň ulanylmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri dolandyrmak üçin guramanyň geçirýän çärelerine baha bermäge mümkinçilik berýän maglumatlary çap etmelidir.

Bu standartda göz önünde tutulan ýörelgeler MHHS 32, MHHS 39 standartlarynda kesgitlenen maliýe aktiwlerini we maliýe borçnamalaryny ykrar etmek, olara baha bermek we tabşyrmak ýörelgeleriniň üstüni ýetirýär.

MHHS (IFRS) 7 “Operasion segmentler”

Bu standart 2006-njy ýyldan ulanylyp başlandy. Bu standart öňki ulanylan MHHS 14 “Segment hasabaty” standartyny çalyşýar.

Bu standartyň maksady maliýe hasabatyndan peýdalanyjylara kompaniýanyň işiniň görnüşleriniň maliýe netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýän segmentler boýunça maglumatlary, ýagny kompaniýa tarapyndan dürli geografiki ýerlerde öndürilen harytlaryň we edilen hyzmatlaryň dürli görnüşleri baradaky maglumatlary maliýe hasabatynda görkezmegiň ýörelgelerini kesgitlemekden ybaratdyr.

Bap 5. Esasy serişdeleriň hasaby

5.1. Esasy serişdeleriň aktiw hökmünde ykrar edilmegi we olaryň düzümi

Maliýe hasabatynyň halkara standartlary boýunça esasy serişdeleriň hasabynyň tertibi 16 "Esasy serişdeler" standarty bilen düzgünleşdirilýär. Oňa laýyklykda esasy serişdeler material aktiwler bolup, oňa kärhananyň işinde ulanylýan we gaýtadan satmaga degişli bolmadyk, peýdaly ulanyp boljak möhleti bir ýyldan köp bolan serişdeler degişlidir.

Bu kesgitlemeden görnüşi ýaly esasy serişdeleriň üç alamatyny görkezmek bolar:

1. Material görnüşiniň bolmagy;
2. Kärhananyň işinde maksatly ulanmak häsiýeti (satmak üçin niýetlenmedik);
3. Uzak möhletli ulanylmagy.

Esasy serişdeleriň hasabynda aktiwleriň esasy serişde diýip hasap edilmegi we olaryň balans gymmatynyň kesgitlenmegi esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Esasy serişdeleriň kesgitlemä we aktiw hökmünde ykrar etmegiň kriteriýalaryna gabat gelende aktiw hökmünde hasap edilmegi 16-njy standartda anyk görkezilýär.

Obýektleri esasy serişde hökmünde ykrar etmegiň kriteriýalary şu aşakdakylardan ybarat:

- aktiwi ulanmak bilen kompaniýanyň gelejekde ykdysady bähbit gazanmagynyň ýokary ähtimallygynyň bolmagy;
- aktiwi almak üçin hakyky harajatlaryň kompaniýa üçin ynamly bahalanmagy.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 16-njy standartyna laýyklykda aýry-aýry obýektleriň esasy serişdelere ýa-da haryt-material gymmatlyklara degişliligi buhgalter tarapyndan anyk ýagdaýlary we şertleri göz öňünde tutmak bilen kesgitlenýär. Obýektleriň esasy serişdelere degişliligi kesgitlenende olaryň gymmaty hasaba alynmaýar.

Ätiýaçlyk şaýlarynyň we gurallaryň köpüsi (esasan ownuk) adatça ätiýäçlyklar hömünde hasaba alynýar.

Iri ätiýaçlyk şaýlary, ätiýaçlyk enjamlary, şeýle hem esasy serişdeleriň obýektlerine ulanmak üçin niýetlenen ätiýaçlyk şaýlary we enjamlary esasy serişde hökmünde hasaba alynýar.

16-njy halkara standartynda esasy serişdeleriň şu aşakdaky toparlary hödürlenilýär:

- ýer parçalary;
- jaýlar;
- enjamlar;
- uçarlar, korabllar;
- awtoulaglar we gaýry ulag serişdeleri;
- mebeller;
- ofis enjamlary.

Esasy serişdelere degişli bolan ýeriň ulanyş möhleti çäksiz bolup, ol material aktiwleriň içinde ýeke-täk amortizasiýa hasaplanmaýan aktiwdir. Ýere ulanyş möhletiniň çäksizdigi sebäpli amortizasiýa hasaplanmaýar.

5.2. Esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly ulanyş möhleti

Esasy serişdeleriň peýdaly ulanyş möhleti diýip kärhananyň esasy serişdeleri ulanmagy göz öňünde tutýan wagtynyň döwrüne ýa-da kärhananyň esasy serişdelerini ulanyp, öndürmegi göz öňüňde tutýan önüm birlikleriniň mukdaryna düşünilýär.

Esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly ulanyşy birnäçe şertlere baglylykda kesgitlenýär:

- obýektiň göz öňüňde tutulýan kuwwatlylygyna ýa-da hakyky öndürijiligine laýyklykda garaşylýan ulanylyş;
- iş salyşmanyň sany, esasy serişdeleriň obýektleriniň işlemän duran döwründe hyzmat ediliş şertleri we abatlaşdyryş işleriniň maksatnamasy ýaly önümçilik faktorlarynyň täsiri netijesinde göz öňünde tutulýan fiziki taýdan könelme;
- esasy serişdeleriň obýektlerini ulanmak bilen öndürilýän önümlere bolan islegiň ýa-da önümçlik prosesindäki dürli üýtgemeleriň netijesinde emele gelýän moral taýdan könelme;
- obýektleri ulanmaga hukuk we ş.m. çäklendirmeler (Mysal üçin, kärende möhleti).

MHHS 16-njy standartyna laýyklykda esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly ulanylyş möhleti şuňa meňzeş obýektleriň ulanyş tejribesiniň esasynda baha bermek ýoly bilen kesgitlenýär. Obýektiň ulanylýan döwründe onuň peýdaly ulanyş möhletine berlen baha anyk bolmazlygy mümkin. Şonuň üçin, eger-de öňki berlen bahada düýpli üýtgeme ýagdaýy ýüze çyksa, onda oňa döwrülieýin seretmek maslahat berilýär.

Şol bir wagtyň özünde amortizasiýanyň normalaryny hem gaýtadan hasaplamaly.

5.3. Esasy serişdeleriň ilkibaşky bahasynyň emele gelşi we hasaba alnyşy

Esasy serişdeleriň obýektleriniň ilkibaşky bahasy möhüm bolup durýar. Sebäbi ol kärhananyň aktiwleriniň ululygyna, hasaplanýan amortizasiýanyň jemine, önümiň düşýän gymmatyna hem-de ahyrky netijede peýda täsir edýär. Esasy serişdelere taryhy gymmat ýörelgesi ulanylýar, ýagny adaty şertlerde ilki başky gymmat ulanylýan döwrüň dowamynda üýtgemän galýar.

Standarta laýyklykda aktiw hökmünde ykrar edilen esasy serişdeleriň obýektleri hakyky gymmaty boýunça bahalanýar. Esasy serişdeleriň obýektleriniň hakyky gymmaty öz içine alýar:

- satyn alnan bahasy, şol sanda import boýunça tölegler we satyn alnandaky öwezi dolunmaýan salgytlar (söwda aýrylmalary bahadan aýrylýar) .

- aktiwi niýetlenişi boýunça ulanyş ýagdaýyna getirmek bilen baglanyşykly beýleki göni harajatlar.

Başgaça aýdanymyzda, esasy serişdäni almak bilen baglanyşykly ähli göni çykdajylaryň jemi onuň hakyky gymmatyny emele getirýär.

Esasy serişdeleri niýetlenişi boýunça ulanyş ýagdaýyna getirmek bilen baglanyşykly göni harajatlara şu aşakdakylary degişli etmek bolar:

- oturdylmaly, gurnalmaly ýeri taýýarlamak boýunça harajatlar;
- getirmek we düşürmek boýunça harajatlar;
- gurnamak üçin harajatlar.

Şeýlelikde, esasy serişdeleri almak we ulanyşa girizmek boýunça işlere gönüden-göni gatnaşygy bolmaklyk çykdajylary aktiwiň hakyky gymmatyna goşmagyň esasy kriteriýasy bolup durýar.

Kärhananyň öz döredýän esasy serişdeleriniň obýektleriniň hakyky düşýän gymmatyny kesgitlemegiň tertibi maliýe hasabatynyň halkara standartynyň 2-nji "Ätiýaçlyklar" standarty bilen düzgünleşdirilýär. Bu ýagdaýda esasy serişdeler haryt bolýar.

Maliýe kärendesindäki esasy serişdeleriň gymmaty 17 "Kärende" standartyna laýyklykda kesgitlenýär.

Kärhana tarapyndan esasy serişdäniň alynmagy diňe bir satyn almagyň netijesinde däl-de, eýsem islendik aktiw bilen çalyşylmagyň netijesinde hem alynmagy mümkin. Bu ýagdaýda alnan esasy serişdeleriň obýektiniň gymmaty berlen aktiwiň balans gymmaty bilen meňzeş bolsa, onda deň möçberde hasaba alynýar.

Haçanda çalşylýan obýektleriň gymmaty deň gelmedik ýagdaýda, alnan aktiwleriň hakykata laýyk gelýän gymmaty çalşylýan aktiwiň gymmatyna munuň bilen baglanyşykly alnan ýa-da tölenen pul serişdelerini goşmak ýa-da aýyrmak bilen hasaplanýar.

Haçanda çalşylýan obýektleriň bazar bahasyny kesgitläp bolmadyk ýagdaýynda, onda baha berijileriň hyzmatyndan peýdalanmaly bolýar.

Kähalatlarda kompaniýalar aktiwleri tölegsiz mugtuna alýarlar. Bu ýagdaýda aktiwi alyjy üçin hiç hili tölegsiz – gymmatsyz bolup durýar. Ýöne bu aktiw alyjyda adatça bazar gymmatynda hasaba alynýar. Şeýlelikde, kärhananyň aktiwi we hususy kapitaly köpelýär.

Ýer satyn alnanda köplenç onuň tölenen gymmatyndan başga goşmaça çykdajylar hem ýüze çykýar. Ol çykdajylara gozgalmaýan emläk boýunça agentlere tölenýän komission tölegler, adwokatlaryň we brokerleriň hyzmatlaryna tölegler, ýüze çykýan salgytlar, ýeri tekizlemek we arassalamak we ş.m. çykdajylar degişlidir. Bu çykdajylary hem edil ýeriň öz gymmatynyňky ýaly "Ýer" hasabynyň debetinde görkezilmeli.

Esasy serişdeleriň hasaby buhgalter hasabynyň "Esasy serişdeler" hasabynda ýöredilýär.

Montaž işleri talap edilmeýän esasy serişdeleriň obýektleri alnanda olar hasapda ilkibaşky gymmaty boýunça ykrar edilýär we şu aşakdaky buhgalter ýazgysy geçirilýär:

Debet “Esasy serişdeler” hasaby
Kredit “Üpjün edijiler bilen hasaplaşyklar” hasaby

Kärhananyň özünde gurulan we döredilen, şeýle hem montaž işlerinden soň işe ýaramly ýagdaýa getirilen esasy serişdeleriň obýektleriniň ykrar edilmegi hasaplarda şeýle ýazgy bilen görkezilýär:

Debet “Esasy serişdeler” hasaby
Kredit “Esasy serişdelere düýpli goýumlar” hasaby.

5.4. Esasy serişdeleriň soňky bahalanyşy we oňa edilýän düýpli goýumlar

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 16-njy “Esasy serişdeler” standartynda esasy serişdeleriň soňky bahalanyşynyň iki ýoly göz öňünde tutulýar:

- Esasy çemeleşme. Muňa laýyklykda esasy serişdeler olaryň ilkibaşky gymmatyndan toplanan amortizasiýany aýryp hasaba alynmaly.
- Rugsat edilýän alternatiw çemeleşme. Munda esasy serişdeler gaýtadan bahalanan senede toplanan amortizasiýany aýryp, hakykata laýyk gelýän gymmatynda hasaba alynmaly.

Esasy çemeleşme esasy serişdeleri taryhy (ilkibaşky) gymmatynda hasaba almak ýörelgesini eýerýär. Muňa garamazdan esasy serişdeleriň uzak döwrüň dowamynda ulanylýanlygy sebäpli, olaryň bazar bahasynyň üýtgemek ähtimallygy bolup, ilkibaşky gymmaty bilen hakykata laýyk gelýän gymmatynyň arasynda tapawut emele gelýär. Bu ýagdaýda 16-njy halkara standartynda ikinji ugruň, ýagny rugsat edilýän saýlama mümkinçilikli ugruň ulanylmagy göz öňünde tutulýar. Soňky baha kesme hökmünde adatça bazar gymmaty ulanylýar. Eger-de bazar gymmaty barada maglumat bolmasa, onda toplanan amortizasiýany hasaba almak bilen dikeldilen gymmaty ulanylýar.

Rugsat edilýän alternatiw çemeleşmede esasy serişdeleriň obýektleriň gaýtadan bahalanmasy döwürleýin geçirilip durulmalydyr.

Gaýtadan bahalanma hasabat senesinde esasy serişdeleriň balans gymmatynyň hakykata laýyk gelýän gymmatyndan düýpli tapawutlanmazlygy üçin geçirilýär.

Gaýtadan bahalamanyň döwürleýin geçirilmegi çäklendirilmeýär we esasy serişdeleriň hakykata laýyk gelýän gymmatynyň üýtgeýşine bagly bolup durýar.

Esasy serişdeleriň käbir görnüşleriniň hakykata laýyk gelýän gymmaty has ähmiýetli derejede üýtgemegi mümkin, şol sebäpli olary her ýylda gaýtadan bahalamak zerurlygy ýüze çykýar. Galan ýagdaýlarda esasy serişdeleriň obýektlerini her 3-5 ýyldan gaýtadan bahalamak bolar.

16-njy halkara standartynda hümmetsizlenme bolan ýagdaýynda esasy serişdeleriň obýektleriniň gymmatyny hökmany azaltmak göz öňüňde tutulýar. Esasy serişdeleriň obýektiniň azaldylan gymmatynyň jemini kesgitlemegiň tertibi 36-njy “Aktiwleriň bahasynyň pese düşmegi” halkara standarty bilen kesgitlenýär.

Bu standarta laýyklykda, eger-de aktiwiň öwezi dolunýan gymmaty balans gymmatyndan az bolsa, onda onuň balans gymmaty öwezi dolunýan gymmata çenli azaldylmalydyr.

Aktiwleriň gymmatynyň pese düşmegine täsir edip biler:

- tehnologiýanyň ähmiýetli derejede üýtgemegi;
- ykdysady şertleriň düýpli üýtgemegi;
- aktiwiň moral taýdan könelmegi;
- aktiwe fiziki taýdan zerer ýetirilmegi we beýlekiler.

36-njy halkara standartyna laýyklykda her bir kompaniýa maliýe hasabatynyň düzülýän senesinde öz aktiwleriniň, ýagny esasy serişdeleriň obýektleriniň gymmatynyň pese düşmegini häsiýetlendirýän alamatlara baha bermelidir. Esasy serişdeleriň obýektleriniň gymmatynyň pese düşmegini görkezýän alamatlar şu aşakdakylardan ybarat:

- hasabat döwrüniň dowamynda bazar gymmaty garaşylýanyndan has köp azalmagy;
- hasabat döwrüniň dowamynda tehnologiki, ykdysady we ýuridiki şertleriň düýpli üýtgemegi ýa-da onuň üýtgemegine ýakyn geljekde garaşylmagy;
- aktiwiň könelenliginiň ýa-da oňa fiziki zeperiň ýetendiginiň subutnamasynyň bolmagy;
- gaýry alamatlar.

Ýokarda getirilen alamatlaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy kompaniýanyň hasabatynda aktiwleriň bahasynyň pese düşýängini görkezilmelidigine şaýatlyk edýär.

Halkara standartyna laýyklykda aktiwiň pese düşen gymmatynyň ululygy onuň balans gymmatyny öwezi dolunmaly gymmat bilen deňeşdirilmegi bilen kesgitlenýär.

Aktiwiň balans gymmaty diýip, onuň ilkibaşky gymmatyndan toplanan amortizasiýany aýranyňdan soň balansda görkezilýän ululygyna düşünilýär.

Aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyny onuň arassa satyp boljak bahasy ýa-da ony ulanmagyň gymmatlylygy häsiýetlendirilýär.

Aktiwiň arassa satyp boljak gymmaty onuň bazar bahasyny (ýa-da hakykata laýyk gelýän gymmatyny) satmak boýunça harajatlaryň jemine düzediş girizmek bilen kesgitlenýär. Aktiwi ulanmaklygyň gymmatlylygy ony kärhananyň işinde geljekde ulanmakdan geljek pul serişdeleriniň akymyna baha bermek çaklamalara esaslanýar.

Eger-de öwezi dolunýan gymmat balans gymmatyndan az bolsa, onda aktiwiň gymmatynyň pese düşýändigi ykrar edilýär we onuň balans gymmaty öwezi dolunýan gymmata çenli azaldylýar. Bu ýagdaýda esasy serişdeleriň obýektleriniň balans gymmatyndan azalýan jemi öňki geçirilen gaýtadan bahalanmanyň netijesinde goşmaça kapitalynyň azalmagyna degişli etmek mümkin bolmasa, onda ony hasabat döwründe çykdajy hökmünde ykrar etmeli.

Esasy serişdeleriň obýektleri bilen baglanyşykly ähli soňky düýpli goýumlary goşmaça ykdysady bähbit getirýän we getirmeýän iki topara bölmek bolar. Munuň özi kärhananyň resurslaryny aktiw hökmünde ykrar etmekligiň hakara standartlary tarapyndan bildirilýän şertleri bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi aktiwiň mazmuny onuň kärhana ykdysady bähbit getirmeginden ybaratdyr. Şol sebäpli obýektiň ykdysady bähbit almaga bar bolan mümkinçilikleriniň artmagyna getirýän düýpli

goýumlar aktiw hökmünde ykrar edilýär, ýagny obýektiň ilkibaşky gymmatynyň üstüne goşulýar. Muňa mysal edip aşakdaky ýagdaýlary görkezmek bolar:

- esasy serişdäniň peýdaly ulanylýan möhletiniň we kuwwatlylygynyň artmagyna mümkinçilik berýän üýtgedip gurnalmagy;
- obýektiň kämilleşdirilmegi netijesinde onuň hiliniň ýokarlanmagy. Bu bolsa öz gezeginde öndürilýän önümiň hiliniň ýokarlanmagyna getirmelidir;
- esasy işe edilýän çykdajylaryň ähmiýetli derejede azalmagyna mümkinçilik berýän täze önümçilik proseslerniň ulanylmagy.

Şunuň ýaly ýagdaýlara gabat gelmeýän, goşmaça ykdysady bähbit almaga mümkinçilik bermeýän, diňe esasy serişdeleriň ilkibaşdaky gymmatyny dikeldýän ähli beýleki düýpli goýumlar döwrüň çykdajylary hökmünde ykrar edilýär we degişlilikde peýdalar we zyýanlar hasabyna degişli edilýär. Muňa mysal hökmünde esasy serişdeleriň abatlandyryş işleri we tehniki hyzmatlary üçin çykdajylary görkezmek bolar.

Esasy serişdeleriň obýektleriniň gaýtadan bahalanmagy netijesinde buhgalter hasabynda şu aşakdaky ýazgylar geçirilýär:

1. Esasy serişdeleriň obýektleriniň ilkibaşky gymmatynyň artmagy:
   Debet "Esasy serişdeler" hasaby
   Kredit "Esasy serişdeleriň gaýtadan bahalanmagyň ätiýaçlygy" hasaby

2. Bu obýektler boýunça toplanan amortizasiýanyň artmagy:
   Debet "Esasy serişdeleriň gaýtadan bahalamagyň ätiýaçlygy" hasaby
   Kredit "Esasy serişdeler boýunça toplanan amortizasiýa" hasaby

5.5. Esasy serişdeleriň amortizasiýasy

Amortizasiýa hasaplanýan aktiwler kompaniýanyň emläginiň esasy, ähmiýetli bölegini tutýar. Şonuň üçin amortizasiýa syýasatynyň islendik kompaniýanyň maliýe ýagdaýyna we maliýe netijelerine düýpli täsir etmegi mümkin.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 16-njy standartyna laýyklykda, amortizasiýa bu aktiwiň amortizasiýa hasaplanýan gymmatynyň onuň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda hasap döwürleriniň arasynda paýlanmagyna aýdylýar.

Hasabyň halkara tejribesinde esasy serişdelere degişli bolan ýer parçalarynyň gymmaty bolup, olar boýunça amortizasiýa hasaplanmaýar. Sebäbi olaryň peýdaly ulanyş möhleti çäksiz bolup durýar. Egerde ýer parçasynyň gymmaty öz içine şol ýerdäki tebigy resurslary dikeltmek we ş.m. harajatlary alýan bolsa, onda ol harajatlar boýunça ýer parçasyndan bähbit alynýan döwrüň dowamynda amortizasiýa hasaplanýar.

Esasy serişdeleriň amortizasiýasy boýunça çykdajylar göni ýa-da gytaklaýyn peýda we zyýanlar hasabyna degişli edilýär.

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, amortizasiýa hasaplamasy kompaniýanyň çykdajysy bolup durýar. Hakykat ýüzünde arassa peýdany azaldýan

amortizasiýanyň jemi alnan girdejini azaltmaýar. Şol sebäpli ol girdejiniň bölegi hökmünde seredilip bilner. Haçan-da hasabat döwründe zyýan alnanda bu ýagdaýa aradan aýrylma hökmünde seretmeli. Sebäbi hasaplanan amortizasiýa zyýany köpelýär we girdeji getirmeýär.

Amortizasiýanyň jemi kompaniýa girdejiniň düzüminde çart ýerlenýän aýlanyşyk aktiwleri görnüşinde gaýdyp gelip, uzak möhletli ulanylýan aktiwe goýlan kapitalyň aýlanyşygynyň usuly hökmünde çykyş edýär.

Amortizasiýa hasaplanýan gymmat diýip aktiwiň taryhy gymmatyna ýa-da hasapdan öçürilendäki gymmaty we obýekt hasapdan çykarylanda garaşylýan çykdajylar aýrylan, buhgalter hasabatynda ulanylýan gymmatyna düşünilýär. Mysal üçin, obýektiň ilkibaşky gymmaty 14000 pul birligi, hasapdan öçürilendäki gymmaty 1600 pul birligi, obýektiň ulanyş möhletiniň ahyrynda ony hasapdan çykarmak boýunça göz öňünde tutulýan çykdajylar 200 pul birligi. Bu ýerde obýektiň amortizasiýa hasaplanýan gymmaty12600 pul birligine deň bolýar:

14000 – (1600 – 200) = 12600 pul birligi.

Şeýlelikde, amortizasiýanyň dogry görkezilmegi üçin halkara standartlaryna laýyklykda şu aşakdaky düşünjeleri dogry ulanmak zerurdyr:

- ilkibaşdaky gymmaty (gaýtadan bahalamagyň netijesinde emele gelen gymmat);
- hasapdan öçürilendäki gymmat;
- ykdysady peýdaly ulanylýan möhlet.

Bu görkezijiler hasap döwründe amortizasiýany hasaplamak üçin esas bolup durýar.

Hasapdan öçürilendäki gymmat diýip esasy serişdeleriň peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyrynda hasapdan çykarmak boýunça çykdajylar aýrylandan soň, almaga garaşylýan arassa jeme düşünilýär.

Hasapdan öçürilendäki gymmatyň möçberi ujypsyz bolanda ol amortizasiýa hasaplanýan gymmat hasaplananda köplenç hasaba alynmaýar.

Esasy serişdeleri bahalamagyň esasy usuly ulanylanda hasapdan öçürilendäki gymmat obýektiň alnan senenise kesgitlenilýär we soňky döwürde bahalaryň üýtgän ýagdaýynda hem gaýtadan seredilmeýär.

Esasy serişdeleri bahalamagyň alternatiw usuly ulanylanda hasapdan öçürilendäki gymmat obýektler her gezek hakykata gabat gelýän gymmaty boýunça gaýtadan bahalandyrylandan soň täzeden kesgitlenýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda ulanylýan möhlet diýip şu aşakdakylara düşünilýär:

- kärhananyň aktiwi ulanmagy göz öňünde tutýan döwrüne;
- kärhananyň aktiwi ulanyp, almaga garaşylýan önüm birlikleriniň mukdaryna.

Aktiwiň peýdaly ulanylmaly möhleti kärhana tarapyndan kesgitlenýär. Esasy serişdeleriň amortizasiýasy hasaplananda olaryň peýdaly gulluk ediş möhleti kesgitleýji faktor bolup çykyş edýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly ulanylmaly möhleti hasaplananda şu aşakdaky faktorlary göz öňünde tutmaly:

- aktiwiň göz öňünde tutulýan ulanylyşy (göz öňünde tutulýan öndürijilik)
- iş çalyşmanyň sany, abatlaşdyrylyş we tehniki hyzmatlar boýunça meýilnama we ş.m. bilen şertlendirilen garaşylýan fiziki könelme;
- enjamyň moral taýdan könelmegi;
- aktiwleri ulanmaga hukuk we ş.m. çäklendirmeler (kärendäniň möhletiniň tamamlanmagy).

Peýdaly ulanyş möhletiniň ykdysady gulluk ediş möhletinden, ýagny ulanmak netijesinde diňe ykdysady bähbidi alan möhletinden gysga bolmagy mümkin. Bu ýagdaý maliýe hasabatynyň halkara standartlarynda göz öňünde tutulýar.

Aktiwleriň peýdaly ulanyş möhleti döwürleýin gaýtadan seredilip durulmalydyr. Bu möhlet soňky düýpli goýumlaryň netijesinde uzaldylyp bilner. Şeýle-de, peýdaly ulanyş möhletiniň gysgalmagyna hem birnäçe faktorlar täsir edip biler (obýektiň moral taýdan könelmegi we ş.m.)

Şeýlelikde, aktiwleriň peýdaly hereket edýän möhletiniň gaýtadan seredilmeginiň mümkinçiligi we zerurlygy kärhananyň maliýe ýagdaýyny suratlandyrmagyň wajyp bölegi bolup durýar.

Aktiwiň peýdaly hereket ediş möhleti kesgitlenende onuň haýsy döwrüň dowamynda ykdysady bähbit getirjekligi esasy meseleleriň biri bolup durýar. Şol sebäpli, amortizasiýany hasaplamagyň usullary saýlananda ykdysady bähbidiň döwürler boýunça nähili paýlanjaklygy esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Obýektiň ulanyş möhleti tamamlanandan soň, onuň sökülip aýrylmagy, ýeriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly harajatlar ýüze çyksa, onda:

- bu harajatlar esasy serişdeleriň obýektleriniň hasapdan öçürilendäki gymmatyny azaldýar we ýyllyk hasaplanýan amortizasiýany köpeldýär;

ýa-da

- bu harajatlar esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly hereket ediş möhletiniň dowamynda aýratyn çykdajy hökmünde ykrar edilýär we bu harajatlar boýunça borçlar peýdaly gulluk ediş möhletiniň ahyrynda doly üpjün edilýär.

5.6. Esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň usullary

Esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň usuly saýlanyp alnanda esasy ähmiýet berilmeli ýagdaý - bu ulanyljak usul kärhananyň esasy serişdeleri ulanyp, almagyna garaşýan ykdysady bähbidini aýdyň görkezmelidir.

Her bir kärhana esasy serişdeleriň her bir topary üçin amortizasiýa hasaplamagyň usullaryny özbaşdak saýlaýar we amortizasiýa hasaplanýan obýektleriň amortizasiýa normasyny ýa-da olaryň peýdaly ulanyş möhletlerini özbaşdak kesgitleýär.

Eger-de obýekt boýunça ulanylýan amortizasiýa hasaplamagyň usuly üýtgedilse, onda ol esaslandyrylmalydyr.

Esasy serişdeleriň amortizasiýasynyň hasaplamasynda şu aşakdaky görkezijileriň görklezilmegi maksadalaýykdyr.

1. Amortizasiýa hasaplanýan aktiwleriň toparlary.
2. Ulanylýan amortizasiýa hasaplamagyň usuly.

3. Obýektiň peýdaly ulanyş möhleti.
4. Amortizasiýanyň ýyllyk normasy.
5. Aktiwiň ilkibaşky gymmaty.
6. Hasaplanan amortizasiýa, şol sanda
   - hasabat döwri üçin;
   - amortizasiýa hasaplanyp başlaly bäri.

Esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň ulanylýan usulyna wagtyň geçmegi bilen gaýtadan seretmek zerurdyr. Eger-de ulanylýan aktiwden göz öňünde tutulýan ykdysady bähbit almagyň ýagdaýy üýtgese, onda oňa gaýtadan seretmek zerurlygy ýüze çykýar.

Esasy serişdeleriň her bir topary üçin amortizasiýa hasaplamagyň degişli usulyny saýlap almaga we ulanmaga bolan mümkinçilik laýyklyk ýörelgesiniň anyk ýerine ýetirilmegine getirýär we maliýe hasabatynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrýar.

Şeýle hem, obýektlerden ykdysady bähbit almagyň mükinçiliklerini seljermeklige has ünsli çemeleşmekligi talap edýär.

Hasabyň halkara tejribesinde esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň birnäçe usullary ulanylýar:

1. Deňölçegli hasaplamak usuly;
2. Önümçilik usuly (öndürilen önümiň göwrümine görä);
3. Çaltlandyrylan amortizasiýanyň iki usuly:
   a) ýyllaryň sanlarynyň jemi usuly (kumulýatiw usuly);
   b) galyndynyň azalyş usuly.

Bu usullaryň her birine aýratynlykda seredip geçeliň.

Deňölçegli usul (straight - line method)

Bu usul ulanylanda amortizasiýa hasaplanýan obýektiň gymmaty onuň gulluk ediş möhletiniň dowamynda deň ölçegli möçberde hasaplanýar we paýlanýar. Bu usul amortizasiýa diňe gulluk ediş möhletiniň uzaklygyna baglydyr diýen pikire esaslanýar. Amortizasiýanyň jemi her döwür üçin amortizasiýa hasaplanýan gymmaty (obýektiň ilkibaşky gymmatyndan onuň hasapdan öçürilendäki gymmatyny aýryp hasaplanan gymmat) obýektiň ulanylýan hasabat döwürleriniň sanyna paýlap hasaplanýar. Hasaplanan amortizasiýanyň normasy hemişelik bolup durýar.

Amortizasiýany hasaplamagyň deňölçegli usulynyň ulanylyşyna anyk mysalda seredip göreliň.

A enjamyň ilkibaşky gymmaty 8000 pul birligi. Onuň gulluk ediş möhleti 5 ýyl, ulanyş möhletiniň ahyrynda hasapdan öçürilendäki gymmaty 800 pul birligi. Amortizasiýany hasaplamagyň beýleki usullarynda hem mysal hökmünde şu enjamyň maglumatlaryny ulanarys.

Bu ýagdaýda her ýylky amortizasiýa amortizasiýa hasaplanýan gymmatyň 20%-i ýa-da 1440 pul birligi bolýar. Enjamyň amortizasiýa hasaplanýan gymmaty 7200 pul birligine deň (8000-800=7200).
Ýyllyk amortizasiýanyň normasy 20%-e deň:

$$\frac{100\%}{6} = 20\%$$

Ýyllyk amortizasiýanyň jemi:

(8000-800)*20% =1440 pul birligi.

ýa-da

(Ilkibaşky gymmat - hasapdan öçürilendäki gymmat) /Gulluk ediş möhleti = $= \frac{8000-800}{5} = 1440$ pul birligi.

Şeýlelikde A enjam boýunça amortizasiýanyň hasaplanylyşyny şu aşakdaky ýaly görkezmek bolar.

Deňölçegli usulyny ulanyp amortizasiýanyň hasaplanylyşy

Ýyllar	Ilkibaşky gymmaty	Amortizasiýanyň ýyllyk jemi	Toplanan könelme	Galyndy gymmaty
1-nji ýyl	8000	1440	1440	6560
2-nji ýyl	8000	1440	2880	5120
3-nji ýyl	8000	1440	4320	3680
4-nji ýyl	8000	1440	5760	2240
5-nji ýyl	8000	1440	7200	800

Umuman aýdanyňda, ýokarda getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, amortizasiýa hasaplamagy deňölçegli usuly ulanylanda şu aşakdaky üç sany ýagdaý ýüze çykýar:

1. Gulluk ediş möhletiniň dowamynda hasaplanan amortizasiýanyň jemi birmeňzeş bolýar.
2. Toplanan köpelme deň möçberde artýar.
3. Galyndy gymmaty deň möçberde azalýar.

Önümçilik usuly

Bu usul amortizasiýa hasaplanan obýektiň diňe ulanylyşynyň netijesine esaslanýar we amortizasiýanyň hasaplanylyşynda wagtyň hiç hili roly ýok.

Bu usuly ulanyp amortizasiýanyň hasaplanyşyna geçen mysalymyzyň maglumatlary boýunça seredip göreliň. Mysalymyzdaky A enjamy ulanyp, ulanyş möhletiniň dowamynda 2400 önüm birliginiň öndürilmegi göz öňünde tutlýar. Bu ýerden bir önüm birligine düşýän amortizasiýanyň jemini tapýarys:

$$\frac{8000-800}{2400} = 0{,}3 \text{ pul birligi}$$

Eger-de A enjamyň ulanylýan döwrüniň birinji ýylynda 6000, ikinji ýylynda 5000, üçünji ýylynda 4500, dördünji ýylynda 3500, bäşinji ýylynda 3000, altynjy ýylynda bolsa 2000 önüm birliklerini öndürmeklik göz öňünde tutulypdyr. Onda ýyllar boýunça amortizasiýanyň jemi şu aşakdaky ýaly bolar.

Önümçilik usulyny ulanyp amortizasiýanyň hasaplanylyşy

Ýyllar	Ilkibaşky gymmaty	Öndürilmeli önümiň mukdary	Amortizasiýanyň ýyllyk jemi	Toplanan könelme	Galyndy gymmaty
1-nji ýyl	8000	6000	1800	1800	6200
2-nji ýyl	8000	6000	1800	3600	4400
3-nji ýyl	8000	5000	1500	5100	2900
4-nji ýyl	8000	4000	1250	6300	1700
5-nji ýyl	8000	3000	900	7200	800

Bu ýerden görnüşi ýaly enjamyň amortizasiýanyň her ýylky jeminiň we onuň ulanylyşynyň arasynda gönüden-göni arabaglanyşyk bar. Bu ýerde toplanan könelme enjamyň ulanylyşyna gönüden-göni baglylykda her ýyl köpelýär. Şeýle hem, enjamyň galyndy gymmaty her ýylda onuň ulanylyşyna baglylykda azalýar.

Şeýlelikde, haçanda obýektiň netijeliligini onuň peýdaly ulanylyş möhletiniň dowamynda ýeterlik derejede anyk kesgitläp bolan ýagdaýynda bu usuly ulanmak makadalaýykdyr.

Amortizasiýany hasaplamagyň çaltlandyrylan usullarynyň mazmuny esasy serişdeleriň ulanylyp başlan wagtynda hasaplanan amortizasiýanyň jeminiň olaryň gulluk ediş möhletiniň ahyryndaky jeminden ep-esli köp bolýanlygyndadyr.

Önümçilik maksatly esasy serişdeleriň köp görnüşleriniň täze, ulanylmaga berlen wagtynda has netijeli, ýokary öndürijilikli bolýanlygy sebäpli amortizasiýany hasaplamagy çaltlandyrylan usullary ulanylýar.

Şeýle hem, bu usullaryň ulanylmagy köp halatlarda enjamlaryň köp görnüşleriniň tehnologiýanyň kämilleşmegi bilen moral taýdan çalt könelip, öz gymmatyny ýitirmegi bilen düşündirilýär. Şol sebäpli enjamlaryň könelmesiniň köp bölegini olaryň ulanylýan ilkinji ýyllarynda hasapdan öçürmek ýerlikli we dogry bolýar.

Tehnologiýanyň kämilleşmegi entäk fiziki taýdan könelmedik ulanyşdaky enjamlaryň moral taýdan könelmegine getirýär we onuň çalşyrylmak zerurlygyny döredýär.

Çaltlandyrylan usullary ulanmagyň ýerliklidigini ýene bir ýagdaý bilen esaslandyrmak bolar. Ol hem enjamlary abatlaşdyrmak boýunça çykdajylar olaryň gulluk ediş möhletiniň soňky ýyllarynda başdaky döwre goranyňda has köp bolýar. Bu ýagdaýda hem köp möçberde abatlaşdyrmak üçin çykdajy edilýär hem-de amortizasiýa hasaplanýar. Netijede, enjamlaryň peýdalylygy gulluk ediş möhletiniň dowamynda birmeňzeşligine galýar.

Şol sebäpli amortizasiýany hasaplamagyň çaltlandyrylan usullarynyň ýerlikli ulanylmagy maksadalaýykdyr.

Çaltlandyrylan usullara degişli bolan usullara seredip geçeliň.

Ýyllaryň sanlarynyň jemi usuly

Bu usul ulanylanda ilki bilen esasy serişdeleriň obýektiniň gulluk ediş möhletiniň ýyllarynyň sanynyň jemi kesgitlenýär. Biziň mysalymyzda A enjamyň gulluk ediş möhleti 5 ýyl. Bu ýerde sanlaryň – ulanyş ýyllaryň jemi 15-e deň:

1+2+3+4+5=15

Ulanyş ýyllarynyň jemini şu aşakdaky formula boýunça aňsatlyk bilen hasaplamak bolar:

$$S = \frac{N \cdot (N+1)}{2}$$

Bu ýerde

S - ýyllaryň sanlarynyň jemi;

N - obýektiň gulluk ediş möhletiniň ýyl sany.

$$S = \frac{5 \cdot (5+1)}{2} = 15$$

Soňra bolsa her ýyl üçin enjamyň gulluk ediş möhletiniň ahyryna çenli galan ýyl sanyny (möhletni) gulluk ediş ýyllaryň jemine bölüp, alnan koeffisiýenti enjamyň amortizasiýa hasaplanýan gymmatyna köpledip, amortizasiýanyň her ýyl üçin jemi hasaplanýar.

$\frac{5}{15}$; $\frac{4}{15}$; $\frac{3}{15}$; $\frac{2}{15}$; $\frac{1}{15}$.

A enjamyň amortizasiýany hasaplamagyň tertibini tablisada beýan edýäris:

Ýyllaryň sanlarynyň jemi usulyny ulanyp amortizasiýanyň hasaplanylyşy

Ýyllar	Ilkibaşky gymmaty	Amortizasiýanyň ýyllyk jemi	Toplanan könelme	Galyndy gymmaty
1-nji ýyl	8000	$\left(\frac{5}{15} \cdot 7200\right) = 2400$	1440	6560
2-nji ýyl	8000	$\left(\frac{4}{15} \cdot 7200\right) = 1920$	2880	5120
3-nji ýyl	8000	$\left(\frac{3}{15} \cdot 7200\right) = 1440$	4320	3680
4-nji ýyl	8000	$\left(\frac{2}{15} \cdot 7200\right) = 960$	5760	2240
5-nji ýyl	8000	$\left(\frac{1}{15} \cdot 7200\right) = 480$	7200	800

Tablisadan görnüşi ýaly, birinji ýylda amortizasiýanyň jemi has köp bolup, ol ýyl-ýyldan azalýar, toplanan könelme bolsa az-azdan artýar.

Bu usul ulanylanda birinji ýyldaky amortizasiýa iň soňky ýyldaka garanyňda amortizasiýa hasaplanýan obýektiň gulluk ediş möhleti näçe ýyl bolsa, şonça esse köp bolýar.

Biziň mysalymyzda birinji ýylda hasaplanan amortizasiýanyň möçberi 5-nji ýyla garanyňda 5 esse köpdür.

Azalýan galyndy usuly

Azalýan galyndy usuly hem ýyllaryň sanlarynyň jemi usulynyňky ýaly ýörelgä esaslanýar. Bu usul ulanylanda köplenç deňölçegli usuldaky amortizasiýanyň normasy iki esse köpeldilip alynýar.

Biziň seredýän mysalymyzda deň ölçegli usulda amortizasiýanyň normasy 20 % (100% / 5ýyl) bolýar. Azalýan galyndy usulynda bu norma iki esse köpeldilýär:

$$20\% \cdot 2 = 40\%$$

Şeýlelikde, birinji ýylda enjamyň ilkibaşky gymmatyndan, soňky ýyllarda bolsa onuň galyndy gymmatyndan 40 % möçberinde amortizasiýa hasaplanýar.

Amortizasiýa hasaplananda göz öňünde tutulýan hasapdan öçürilendäki gymmat hasaba alynmaýar. Ol diňe iň soňky ýylda hasaba alynýar.

Biziň mysalymyzda bu usul bilen hasaplanan amortizasiýanyň jemi şu aşakdaky ýaly bolýar.

Azalýan galyndy usulyny ulanyp amortizasiýanyň hasaplanylyşy

Ýyllar	Ilkibaşky gymmaty	Amortizasiýanyň ýyllyk jemi	Toplanan könelme	Galyndy gymmaty
1-nji ýyl	8000	(40% · 8000)=3200	3200	4800
2-nji ýyl	8000	(40% · 4800)=1920	5120	2880
3-nji ýyl	8000	(40% · 2880)=1152	6262	1728
4-nji ýyl	8000	(40% · 1728)=691,2	6953,2	1046,8
5-nji ýyl	8000	246,8	7200	800

Tablisadan görnüşi ýaly, amortizasiýanyň jemi birinji ýylda has ýokary bolup, soň ýyl-ýyldan azalýar.

Amortizasiýany hasaplamagyň usuly we amortizasiýanyň jemi hasabatyň ýagdaýyna täsir edýär hem-de amortizasiýanyň hasabynyň we hasaplamasynyň wajyplygyna şaýatlyk edýär.

Şol bir enjam boýunça amortizasiýany hasaplamagyň dürli usullary ulanylanda, kärhananyň balansynyň nähili görnüşe eýe bolýandygyna seredip geçeliň:

Dürli usullary ulanyp hasaplanan amortizasiýanyň netijeleri

Ýyllar	Balansyň maddasy	Deň-ölçegli usul	Önümçilik usuly	Ýyllaryň sanlarynyň jemi usuly	Azalýan galyndy usuly
1-nji ýylda	Ilki başky gymmat	8000	8000	8000	8000
	Hasaplanan amortizasiýanyň umumy jemi	1440	1800	2400	3200
	Balans gymmaty	**6560**	**6200**	**5600**	**4800**
2-nji ýylda	Ilki başky gymmat	8000	8000	8000	8000
	Hasaplanan amortizasiýanyň umumy jemi	2880	3600	4320	5120
	Balans gymmaty	**5120**	**4400**	**3680**	**2880**
...	….	….	…	….	….

Tablisadan görnüşi ýaly, A enjamyň balans gymmaty düýpli üýtgeýär. Tablisada her ýylda hasaplanan amortizasiýa we esasy serişdeleriň galyndy gymmatlary dört usul boýunça deňeşdirilýär. Bu ýerde göni çyzykly usula laýyklykda hasaplanan amortizasiýa her ýylda 5 ýylyň dowamynda bir derejede saklanýar (1440 pul birligi). Çaltlandyrylan usullaryň ikisinde hem (hasaplanan amortizasiýanyň jemi birinji ýylda örän köpdür (2400 we 3200) we göni çyzykly usuldakydan her ýyldaky azalýan jemi azdyr. Göni çyzykly usuldaky galyndy gymmat çaltlandyrylan usuldakylardan hemişe has köpdür.

5.7. Esasy serişdeleriň ulanyşdan aýrylmagynyň hasaby

Esasy serişdeleriň obýektleri könelmäniň netijesinde ulanmaga ýaramsyz bolanda, olar hasapdan öçurilip, satylyp we çalşylyp bilner.

Esasy seişdeleriň hasapdan çykarylanda buhgalter hasabynda şu aşakdaky ýazgylar geçirilýär:

1. Esasy serişdeler obýektleriniň hasapdan öçürilmegi:

a) obýektiň ilkibaşky gymmaty (ýa-da gaýtadan bahalanan gymmaty) boýunça:
Debet "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýunça girdejiler (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby
Kredit "Esasy serişdeler" hasaby

b) obýekt boýunça toplanan amortizasiýanyň jemine:
Debet "Esasy serişdeler boýunça toplanan amortizasiýa" hasaby
Kredit "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýunça girdejiler (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby

ç) Ulanmaga mümkin bolan baha boýunça alnan materiallaryň galyndysyna:
Debet "Ätiýaçlyklar" hasaby
Kredit "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýunça girdejiler" (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby

2. Esasy serişdeleriň obýektleriniň satylmagy:

a) obýektiň satylýan bahasy boýunça:
Debet "Alyjylar bilen hasaplaşyklar" hasaby
Kredit "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýunça girdejiler (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby

b) Obýektiň ilkibaşky (gaýtadan bahalanan) gymmaty boýunça:
Debet "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýunça girdejiler (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby
Kredit "Esasy serişdeler" hasaby

ç) Obýekt boýunça toplanan amortizasiýanyň jemine:
Debet "Esasy serişdeler boýunça toplanan amortizasiýa" hasaby
Kredit "Hasapdan çykarylan esasy serişdeler boýünça girdejiler (çykdajylary aýyrmak bilen)" hasaby.

Bap 6. Maddy däl aktiwleriň hasaby

6.1. Maddy däl aktiwleriň umumy häsiýetnamasy

Maddy däl aktiwler diýip, özüniň fiziki häsiýetleri bolmadyk we kärhana ulanmaga berýän hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň esasynda kesgitli gymmaty bolan aktiwlere aýdylýar.

Maddy däl aktiwleriň hasaby maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 38-nji "Maddy däl aktiwler" standarty bilen kesgitlenýär. Bu standarta laýyklykda, maddy däl aktiwler hasabyň aýratyn obýekti hökmünde görkezilýän pul däl görnüşinde çykyş edýän, fiziki görnüşi bolmadyk, önümçilikde ulanylýan, şeýle hem kärendesine bermek ýa-da administratiw maksatlar üçin niýetlenen aktiwlerdir. Bu şertleriň ikisi hem bir wagtda berjaý edilmelidir. Olaryň berjaý edilmedik ýagdaýynda ähli harajatlar maddy däl aktiwler hökmünde hasap edilmeýär we geljek döwrüň çykdajylary hökmünde ykrar edilýär.

Maddy däl akrtiwleriň obýekti islendik beýleki aktiwler ýaly guramanyň gözegçiliginde bolmalydyr we ykdysady bähbit getirmelidir (iň bolmanda geljekde bähbidiň alynmagyna esaslandyrylan ýagdaýda garaşylmagy).

Maddy däl aktiwleriň ykrar edilmeginiň kriteriýalary:

1. Önümçilikde, täjirçilik amallarynda ýa-da dolandyryşda ulanmak mümkinçiligi.
2. Birden köp hasabat döwrüniň dowamynda ulanmakdan ykdysady bähbidiň alynmagy.
3. Adaty şertlerde satmaga niýetlenmedik we satmak göz öňünde tutulmazlyk.
4. Guramada aktiwi ulanmaga tassyklaýjy resminamalaryň bolmagy.
5. Başga emläkden hasabyň özbaşdak obýekti hökmünde aýrylyp bilinmegi.

Kompaniýanyň işgärleriniň işjeň häsiýetlerini, olaryň kwalifikasiýasyny we beýleki mümkinçiliklerini maddy däl aktiwlere degişli edip bolmaýar. Goşmaça ykdysady bähbitleri almaga mümkinçilik berýän işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak üçin harajatlary maddy däl aktiwler hökmünde ykrar edip bolmaýar. Sebäbi kompaniýa işgärlere we geljekde olaryň şu kompaniýada dowam etmekligine doly gözegçilik edip bilmeýär. Şol sebäpli işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak üçin edilýän harajatlar hasabat döwrüniň çykdajylaryna degişli edilýär.

Maddy däl aktiwleri ulanmakdan alynýan ykdysady bähbitler hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

- harytlary satmakdan, hyzmatlary etmekden alnan girdejiler (girdejiniň bölegi);
- kompaniýanyň çykdajylarynyň peselmegi;
- beýleki bähbitler.

Kärhananyň ygtyýaryna gelýän maddy däl resurslary iki topara bölmek bolar:

1. Gapdaldan alnan.
2. Guramanyň içinde döredilen.

Gapdaldan alnan maddy däl resurslar düzgün bolşy ýaly maddy däl aktiwler diýip ykrar edilýär we özüne düşýän gymmaty boýunça bahalanýar.

Guramanyň içinde döredilen maddy däl resurslar diňe bölekleýin maddy däl aktiw hökmünde ykrar edilýär. Guramanyň içinde döredilen maddy däl resurslara edilen harajatlaryň köp bölegi hasabat döwrüniň gündelik çykdajylary hökmünde ykrar edilýär. Mysal üçin, harajatlaryň reklamasy üçin çykdajylar, işgärleriň taýýarlygy üçin çykdajylar we ş.m. çykdajylar hasabat döwrüniň çykdajylary hökmünde ykrar edilýär.

Maddy däl aktiwleriň mysalynda şu aşakdaky obýektleri görkezmek bolar:

- patentler, ygtyýarnamalar;
- awtorlyk hukugy;
- senagat nusgalaryna hukuk;
- elektron hasaplaýyş maşynlary üçin programma önümleri;
- tejribe – konstruktor işlerine harajatlar;
- alnan haryt markalary, haryt nyşanlary;
- kompaniýa satyn alnanda ýüze çykýan işjeň abraýy we ş.m.

Patent – bu hökümet tarapyndan önümçilige, satuwa, lizinge ýa-da islendik beýleki oýlap tapyşdan alynjak bähbide berlen hukukdyr. Patentiň gymmaty onuň peýda getirmek ukybyndan ybaratdyr.

Awtorlyk hukuklary döredijilikli işleriň netijelerini onuň eýesinden rugsatsyz köpeltmekden, ýerine ýetirmekden ýa-da ýayratmakdan goramaga ugrukdyrylan hukuk normalarynyň toplumydyr. Awtorlyk hukugynyň möhleti onuň eýesiniň ömür möhletine hem-de onuň üstüne 70 ýyl goşulmagyna deňdir.

Françaýzing – bu iki toparyň arasyndaky kontrakt bolup, satyn alyja adyny bermekden başlap, işiň doly monopoliýasyna çenli birnäçe hukuklary (franşizy) we ýeňillikleri berýär.

Haryt nyşany bu kompaniýanyň öz önümleri üçin ulanýan nyşany (simwoly, emblemasy). Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda, kompaniýanyň öz içnde döredilen haryt nyşany maddy däl aktiw hökmünde ykrar edilmeýär.

Söwda markasy – bu at, oňa laýyklykda kompaniýa hereket edýär ýa-da önüm satylýar.

Kompaniýanyň abraýy maddy däl aktiw hökmünde başga kärhana satyn alnanda tölenen jem bilen alnan aktiwleriň we borçlaryň gymmatynyň aratapawudy hökmünde ýüze çykýar.

Maddy däl aktiwler iki usul bilen bahalandyrylýar:

- esasy çemeleşme – taryhy gymmaty boýunça;
- alternatiw çemeleşme – gaýtadan baha berlen gymmaty boýunça.

Maddy däl aktiwleriň balans gymmatynyň onuň hakykata gabat gelýän gymmatyndan düýpli tapawutlanmazlygy üçin gaýtadan baha bermeklik yzygiderli geçirilmelidir. Bu kompaniýanyň aktiwleriniň hakyky gymmatyna baha bermek üçin wajypdyr.

Maddy däl aktiwleriň hasapdan öçürilendäki gymmaty aktiwiň peýdaly ulanyş möhletiniň ahyrynda kärhananyň çykdajylary aýrylandan soň, bu aktiwden alynjak gymmaty boýunça bahalanýar.

6.2. Maddy däl aktiwleriň bahalanyşy we gaýtadan bahalanyşy

Maddy däl aktiwler maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 38 “ Maddy däl aktiwler” standartyna laýyklykda ilkibaşdaky hakyky özüne düşýän gymmaty boýunça bahalanýar we öz içine alýar:

- satyn alnan bahasy;
- import boýunça töleg;
- öwezi dolunmaýan salgytlar;
- ýuridik hyzmatlar üçin tölegler;
- aktiwiň ulanylmaga taýýarlanmagy boýunça gönüden-göni degişli bolan gaýry harajatlar.

Öz içinde döredilen maddy däl aktiwleriň (senagat nusgalary) hakyky özüne düşýän gymmaty ony döretmek bilen baglanyşykly harajatlaryň jemi bilen kesgitlenýär:

- maddy däl aktiwler döredilende ulanylan material harajatlar;
- aktiwiň döredilmegi bilen gönüden-göni meşgul işgärleriň zähmet hakynyň harajatlary;
- bellige alyş ýygymlary we poşlinalar;
- aktiwiň döredilmegi üçin zerur bolan gaýry harajatlar.

Başga aktiwlere çalşylmagy netijesinde alnan aktiwleriň özüne düşýän gymmaty çalşylmaga berlen aktiwleriň hakykata gabat gelýän gymmaty boýunça bahalanýar.

Şeýlelikde, maddy däl aktiwler ilkibaşky ykrar edilende hakyky özüne düşýän gymmatynda hasaba alynýar. Olar ilkibaşky ykrar edilmeden soň, aýratyn hem gaýtadan bahalanan pursadynda toplanan amortizasiýa aýrylan gaýtadan bahalanan gymmatynda hasaba alynýar.

Maddy däl aktiwleriň gaýtadan bahalanmagy olaryň hakykata laýyk gelýän gymmaty üýtgän ýagdaýynda amala aşyrylmalydyr.

Maddy däl aktiwleriň hasaby “Maddy däl aktiwler” hasabynda ýöredilýär. Bu hasapda olar görnüşleri boýunça toparlandyrylýar: elektron hasaplaýyş maşynlary üçin programmalar, ygtyýarnamalar we franşizler, awtorlyk hukuklary, patentler, söwda markalary, senagat eýeçiligi (çyzgylar, tejribe nusgalary we ş.m.) we beýlekiler.

Maddy däl aktiwler ykrar edilende, buhgalter hasabynda şu aşakdaky ýazgylar geçirilýär:

1. Satyn alnanda:

Debet “Maddy däl aktiwler“ hasaby
Kredit “Ýük iberijiler bilen hasaplaşyklar” hasaby

2. Maddy däl aktiwler kompaniýanyň içinde döredilende:

Debet “Maddy däl aktiwler” hasaby
Kredit “Tamamlanmadyk önümçilik” hasaby

Maddy däl aktiwler gaýtadan bahalanandan soň (gymmatyň artmagy), buhgalter hasabynda geçirilýän ýazgylar:

Debet “Maddy däl aktiwler” hasaby
Kredit “Maddy däl aktiwleriň gaýtadan bahalanmagynyň ätiýaçlygy” hasaby

Debet “Maddy däl aktiwleriň gaýtadan bahalanmagynyň ätiýaçlygy” hasaby
Kredit “Maddy däl aktiwler boýunça toplanan amortizasiýa” hasaby

Maddy däl aktiwiň obýekti boýunça öňki geçirilen gaýtadan bahalamakdan gymmaty ýokarlanandan soň geçirilen gaýtadan bahalamakdan obýektiň gymmatynyň pese düşmeginiň jemi ykrar edilende aşakdaky buhgalter ýazgylary geçirilýär:

Debet “Maddy däl aktiwleriň gaýtadan bahalanmagyna çykdajylar” hasaby
Kredit “Maddy däl aktiwler” hasaby

Debet “Maddy däl aktiwler boýunça toplanan amortizasiýa” hasaby
Kredit “Maddy däl aktiwleriň gaýtadan bahalanmagyna çykdajylar” hasaby

6.3. Maddy däl aktiwleriň peýdaly ulanyş möhleti

Maddy däl aktiwiň peýdaly ulanyş möhleti 38-nji halkara standartyna laýyklykda bu:

- kärhana tarapyndan aktiwiň ulanylýan döwri;

kärhananyň aktiwi ulanýan döwri, ony ulanyp aljak önümininň mukdary.

Maddy däl aktiwleriň peýdaly ulanylýan iň ýokary möhleti – 20 ýyl. Eger-de onuň ulanyş möhleti esaslandyrylan we hakykatdan-da köp bolsa, onda 20 ýyldan hem geçip biler.

Maddy däl aktiwiň obýektiniň hereket ediş möhletine şu aşakdaky faktorlar täsir edip bilerler:

- aktiwiň kärhana amatly ykdysady bähbit getirip biljek garaşylýan döwri;
- obýektiň könelmeginiň mümkin bolan ugurlary;
- obýektiň ykdysady bähbit almaga mümkinçilik berýän ýagdaýda bolmagyny goldaýan syýasat;
- aktiwiň ulanylmagyna ýuridiki we gaýry çäklendirmeler;
- maddy däl aktiwiň obýektiniň peýdaly gulluk möhletiniň kompaniýanyň beýleki aktiwleriniň gulluk möhletleri bilen özara baglanyşygy.

Kärhana her ýyl maddy däl aktiwleriň peýdaly ulanylýan möhletini gaýtadan seretmelidir. Eger-de üýtgeşme düýpli bolsa, onda aktiwiň peýda ulanyş möhleti üýtgedilmelidir. Haçanda maddy däl aktiwleriň ulanyş möhleti üýtgese, onda olaryň amortizasiýa hasaplanýan döwri hem üýtgeýär. Eger-de maddy däl aktiwi ulanmakdan geljekde alynjak ykdysady bähbit çaklama boýunça üýtgese, onda amortizasiýany hasaplamagyň usuly hem üýtgär.

Maddy däl aktiwler peýdaly ulanyş möhletiniň dowamlylygynyň takyklygyna baglylykda iki topara bölünýär:

- soňky möhletli peýdaly ulanylyş;
- çäksiz möhletli peýdaly ulanylyş.

Soňky möhletli peýdaly ulanylyşdaky maddy däl aktiwler balansda galyndy gymmaty boýunça, ýagny ilkibaşky gymmatyndan hasaplanan amortizasiýa aýrylyp görkezilýär. Maddy däl aktiwleriň bu topary amortizasiýa hasaplanýan aktiwlere degişlidir.

Çäksiz möhletli peýdaly ulanylyşdaky maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýa hasaplanmaýar.

6.4. Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy

Amortizasiýa – bu maddy däl aktiwiň gymmatynyň yzygiderli çykdajylara goşulmagydyr.

Maddy däl aktiwleriň amortizasiýa hasaplanýan gymmaty onuň ilkibaşky (dikeldilen) gymmatynyň hasapdan öçürilendäki gymmatyndan orta tapawudy hökmünde kesgitlenýär.

Maddy däl aktiwler kesgitli şertlerde amortizasiýa hasaplanmaga degişlidir.

Adatça hasaplanan amortizasiýa "Amortizasiýa çykdajylary" hasabyň debetinde we amortizasiýa hasaplanýan maddy däl aktiwiň görnüşiniň hasabynyň kreditinde görkezilýär.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda, maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy esasy serişdeleriňkiden tapawutlylykda toplanmaýar, her hasabat döwründe olar galyndy gymmaty boýunça görkezilýär.

Toplanan amortizasiýa hasaby zerurlyk bolanda ulanmak bolar. Onuň ulanylmagy uly ähmiýete eýe bolup durmaýar. Sebäbi maddy däl aktiwleriň gymmaty esasy serişdeleriňkä garanyňda pesdir.

Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasyny hasaplamak üçin esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň usullary ulanylýar. Ulanylýan usul maddy däl aktiwiň obýektinden ykdysady bähbit almak shemasyna gabat gelmelidir.

Eger-de maddy däl aktiw moral taýdan könelme ýa-da mümkin bolan beýleki sebäpler boýunça öz gymmatyny ýitirse, onda amortizasiýa hasaplanmadyk gymmatyň bölegi çykdajylara goşulýar.

Maddy däl aktiwleriň ulanylmagy togtadylan ýagdaýynda, ýagny amortizasiýa doly hasaplananda ýa-da obýekt satmak üçin niýetlenen topara degişli edilen bolsa, onda peýdaly ulanyş möhleti kesgitli bolan maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýa hasaplanmaly däldir.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 38-nji "Maddy däl aktiwler" standartyna laýyklykda peýdaly ulanyş möhleti çäksiz bolan maddy däl aktiwler boýunça amortizasiýa hasaplanmaýar. Onuň ýerine munuň ýaly maddy däl aktiwleriň bahasynyň pese düşmek ýagdaýy maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 36-njy "Aktiwleriň bahasynyň pese düşmegi" standartyna laýyklykda her ýylda barlanylmalydyr.

Bahanyň pese düşmegi – bu aktiwiň balans gymmatynyň öwezi dolunýan gymmatyndan artmagynyň derejesidir.

6.5. Maddy däl aktiwiň hasapdan çykarylyşy

Maddy däl aktiwiň satylmagy ýada çalyşylmagy netijesinde hasapdan çykarylmagy bilen onuň galyndy gymmaty balansdan öçürilmelidir.

Eger-de maddy däl aktiwden geljekde hiç hili ykdysady bähbide garaşylmaýan bolsa, ony satyp ýa-da çalşyp bolmaýan bolsa, onda onuň galyndy gymmaty hem balansdan öçürilmäge degişlidir.

Şeýlelikde, maddy däl aktiwleriň hasapdan çykarylmagy şu aşakdaky buhgalter ýazgylary bilen görkezilýär:

Debet " Maddy däl aktiwler boýunça toplanan amortizasiýa " hasaby
Kredit " Maddy däl aktiwler " hasaby

Debet " Hasapdan çykarylan maddy däl aktiwler boýunça çykdajylar" hasaby
Kredit " Maddy däl aktiwler " hasaby (hasapdan çykarylan aktiwiň amortizasiýa hasaplanmadyk gymmaty).

Maddy däl aktiwleriň hasapdan çykarylmagy bilen baglanyşykly amallardan alnan peýda ýa-da zyýan hasapdan çykarylan aktiwi satmakdan alnan girdeji bilen onuň balans gymmatynyň aratapawudy hökmünde hasaplanýar.

Maddy däl aktiw şonuň ýaly aktiwe çalşylanda, alnan aktiwiň ozüne düşýän gymmaty berlen aktiwiň balans gymmaty boýunça bahalanýar. Bu ýagdaýda peýda (zyýan) nola deň bolýar.

Bap 7. Haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklarynyň hasaby

7.1. Haryt- maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklary we olaryň toparlanyşy

Önümçilik kärhanalarynda haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklary aktiwiň has möhüm we uly maddasy bolup durýar.

Aktiwler hökmünde şu aşakdakylar haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklaryna degişli bolup durýar:

- önümçilik prosesindäki tamamlanmadyk önümçilik;
- satmak üçin öndürilen ätiýaçlyklar;
- önümçilik prosesinde ýa-da hyzmatlar edilen çig mal ýa-da material görnüşinde ulanylýan ätiýaçlyklar.

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 2-nji "Ätiýaçlyklar" standartyna laýyklykda ätiýaçlyklara degişli bolup durýar:

- önümçilik prosesinde ulanmak üçin, hojalyk zerurlyklary üçin niýetlenen çig mallar we materiallar;
- tamamlanmadyk önümçilik;
- taýýar önüm;
- satmak üçin alnan harytlar, şol sanda ýer parçalary, enjamlar. (Egerde ýer parçalary we enjamlar satmak üçin alnan bolsa, onda olar esasy serişdelere degişli bolmaýar).

Haryt – maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklary şu aşakdaky toparlar boýunça hasaba alynýar:

- harytlar;
- çig malllar;
- materiallar;
- tamamlanmadyk önümçilik;
- taýýar önümler.

Ätiýaçlyklar kärhananyň gysga möhletli aktiwlerine degişli bolup, olarda ykdysady bähbit almaga garaşylýar.

Aktiw hökmünde ykrar edilmäge degişli harajatlaryň ululygyny kesgitlemek hem-de hasabat döwrüniň ahyrynda görkeziljek we indiki hasabat döwrüne geçiriljek ätiýaçlyklaryň gymmat taýdan bahalanyşy ätiýaçlyklaryň hasaby ýöredilende esasy meseleleriň biri bolup durýar.

7.2. Haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklarynyň gymmatynyň kesgitlenişi

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 2-nji "Ätiýaçlyklar" standartyna laýyklykda ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty şu aşakdakylary öz içine alýar:

- satyn almak bilen baglanyşykly harajatlar;
- ätiýaçlyklary gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly harajatlar;
- gaýry harajatlar.

Şeýlelikde, ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty üç elementden durýar.

Ätiýaçlyklary satyn almak bilen baglanyşykly harajatlar öz içine satyn alyş bahasyny, import paçlaryny, salgytlary (salgyt guramalary tarapyndan öwezi dolunýanlardan başgasy), ätiýaçlyklary almak bilen göni baglanyşykly ulag-taýýarlaýyş we beýleki çykdajylary alýar. (Söwda indirimleri aýrylýar).

Ätiýaçlyklary gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly harajatlar gönüden-göni önüm öndürmek bilen baglanyşyklydyr.

Öndürilen taýýar önümleriň we ýarym fabrikatlaryň özüne düşýän gymmatyna çig mal we material harajatlardan başga hem önümçilik bilen baglanyşykly harajatlar goşulýar. Olar:

- göni önümçilik harajatlary (şol sanda zähmete töleg);
- önümçilik goşmaça çykdajylary (hemişelik we üýtgeýän);
- gaýtadan işlemäge degişli gaýry harajatlar (ätiýaçlyklar boýunça önümçilige degişli däl goşmaça harajatlar).

Önümçilik goşmaça çykdajylar önümçilik bilen baglanyşykly çykdajylar bolup, olary anyk taýýar önümiň gymmatyna goşup bolmaýar. Bu çykdajylara mysal edip sehiň jaýyny saklamaga, enjamlaryň tehniki hyzmatlaryna we gündelik abatlaşdyryş işlerine degişli harajatlary, enjamlaryň amortizasiýasyny we ş.m. görkezmek bolar.

Önümçilik goşmaça çykdajylar ikä bölünýär:

- hemişelik;
- üýtgeýän.

Hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary önümçiligiň göwrümine baglylykda üýtgemeýär (jaýlaryň we enjamlaryň amortizasiýasy we ş.m.) Bu çykdajylar adaty önümçilik kuwwatlylygyna laýyklykda öndürilen önüm birliklerine paýlanýar. Önümçiligiň derejesi pes bolanda her önüm birligine goşulýan hemişelik goşmaça çykdaýjylaryň jemi üýtgemeýär. Munuň netijesinde önüme goşulan harajatlaryň we hasabat döwründe hasaba alnan harajatlaryň arasynda aratapawut döreýär. Bu aratapawut – paýlanmadyk goşmaça çykdajylar döwrüň çykdajylaryna goşulýar.

Mysal üçin, hasabat döwründe adaty önümçilik kuwwatlylygy – 300 000 önüm birligi, bu döwürde hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylar 50 000 pul birligi.
Hasabat döwründe 220 000 önüm birligi öndürilipdir. Bu mysalda enjamlaryň näsazlygy sebäpli önümçiligiň derejesi pes bolupdyr, ýagny önümçilik kuwwatlylygyna garanyňda önüm az öndürilipdir.

Hasaplamada önümçilik kuwwatlylygynyň derejesi hasaba alynýar. Önüm birliginiň özüne düşýän gymmatyna hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylaryny 0,167 pul birligi (50000/300000) möçberinde goşmaly.
Her önüm birligine goşulýan hemişelik goşmaça çykdajylaryň jemi üýtgemeýär:

220 000 önüm birligi x 0,167 pul birligi = 36 740 pul birligi.

Biziň mysalymyzda paýlanmadyk goşmaça çykdajylaryň jemi 13260 pul birligine (50 000-36 740) deň bolýar.

Şeýlelikde, bu ýerde hemişelik goşmaça çykdajylaryň 36 740 pul birligi taýýar önümiň gymmatyna goşulýar, galan paýlanmadyk hemişelik çykdajylaryň möçberi bolsa (13 260 pul birligi) döwrüň çykdajylary hökmünde ykrar edilýär.

Haçan-da hakyky öndürilen önüm adaty önümçilik kuwwatlylygyndan ujypsyz möçberde az bolsa, onda önüm birligine goşulýan hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary önümçiligiň hakyky derejesini hasaba almak bilen hasaplanýar.

Adaty önümçilik kuwwatlylygy 300 000 önüm birligi, hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary 50 000 pul birligi. Hasabat döwründe öndürilen önüm 295 000 önüm birligi.

Biziň bu mysalymyzda önüm birligine goşulýan hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary önümçiligiň hakyky derejesini hasaba almak bilen 0,169 pul birligine (50 000:295 000) deň bolýar.

Haçanda öndürilen önümiň mukdary adaty önümçilik kuwwatlylygyndan köp bolanda hem önüm birligine goşulýan hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary önümçiligiň hakyky derejesini hasaba almak bilen hasaplanýar. Egerde, kuwwatlylygyň adaty derejesi esasynda hasaplansa, ol önümiň hakyky özüne düşýän önümçilik gymmatynyň ýokarlanmagyna getirer.

Ýokarda getirilen mysalymyzyň şertlerinde, haçan-da, öndürilen önümiň möçberi 330 000 önüm birligi bolsa, onda önüm birligine düşýän hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary 0,151 pul birligi (50 000; 330 000) bolar.

Üýtgeýän goşmaça önümçilik çykdajylary önümiň göwrüminiň üýtgemesine gönüden-göni bagly bolup durýar. Bu çykdajylar öndürilýän önümiň gymmatyna doly goşulýan we önüm birliklerinin arasynda önümçilik kuwwatlylygynyň hakyky ulanylyşyna laýyklykda paýlanýar. Muňa mysal hökmünde taýýar önümiň hiline önümçilik gözegçiligi boýunça çykdajylary görkezmek bolar.

Ätiýaçlyklar satyn alnanda şu aşakdaky ýazgy geçirilýär:

Debet "Ätiýaçlyklar" hasaby
Kredit "Üpjün edijiler bilen hasaplaşyklar" hasaby.

Ätiýaçlyklaryň ozüne düşýän gymmatyna goşulmaýan we hasabat döwrüniň çykdajylary hökmünde ykrar edilýän çykdajylar:

- çäkden (normadan) artyk ýitgiler (artykmaç çykdajy edilen materiallar, (artykmaç sarp edilen zähmet boýunça harajatlar, meýilleşdirilmedik önümçilik harajatlary);
- önümçiligiň indiki tapgyryna geçilende zerur bolmadyk, saklamak üçin edilen çykdajylar;
- önümçilik prosesi bilen gönüden-göni bagly bolmadyk administratiw goşmaça çykdajylar;
- satmak boýunça çykdajylar.

Gaýry harajatlara häzirki wagtdaky we häzirki ýagdaýyna ýetirmek bilen baglanyşykly harajatlar degişli edilýär. Muňa mysal edip önümçilik däl goşmaça

çykdajylary ýa-da anyk müşderi üçin önümleri taýýarlamak boýunça harajatlary görkezmek bolar.

Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny bahalamak şu aşakdaky usullaryň ulanylmagy bilen amala aşyrylyp bilner:

- hakyky harajatlar boýunça hasaba almak usuly;
- normatiw harajatlar boýunça hasaba almak usuly;
- bölek satuw bahalar usuly.

Normatiw harajatlar bu çig mallaryň, materiallaryň, zähmetiň we önümçilik kuwwatlylygynyň çägi bolup durýar. Normatiw harajatlar yzygiderli barlanyp durylmalydyr hem-de tehnikanyň we tehnologiýanyň ösüş derejesine baglylykda gaýtadan seredilmelidir.

Bölek satuw söwda-da birmeňzeş maržasy (baha goýumy) bolan dürli görnüşli haryt ätiýaçlyklaryny bahalandyrmak üçin bölek satuw bahalar usuly ulanylýar. Bu usul ulanylanda ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty satylan harytlaryň umumy gymmatyny baha goýumynyň jeminiň degişli göterimine azaltmak ýoly bilen kesgitlenýär.

Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin bu usullardan başga beýleki usullary hem ulanmak bolar.

7.3. Ätiýaçlyklaryň bahalanyşy

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 2-nji “Ätiýaçlyklar” standartyna laýyklykda şu aşakdaky iki ululyklardan iň azy boýunça bahalamak ätiýaçlyklary bahalandyrmagyň esasy usuly bolup durýar:

- özüne düşýän gymmaty;
- satuwyň bolup biljek arassa gymmaty.

Satuwyň bolup biljek arassa gymmaty diýip ätiýaçlyklary satmaklyga taýýarlamak we ony guramak boýunça çykdajylaryň jemine azaldylan, kärhananyň adaty iş ýagdaýynda göz öňünde tutlýan satyş bahasyna düşünilýär.

Ätiýaçlyklary bahalandyrmagyň iki ululyklardan iň azy boýunça bahalamak usuly hüşgärlilik ýörelgesine eýerip, oňa laýyklykda aktiwler we girdejiler ýokarlandyrylmaly däldir, çykdajylar we borçlar bolsa peseldilmeli däldir. Bu ýagdaý maliýe hasabatynyň esasy wezipesine, ýagny kompaniýanyň maliýe ýagdaýyny we onuň geljekki mümkinçiliklerini hakyky suratlandyrylmagyna laýyk gelýär. Kompaniýanyň aktiwleriniň bahalanyşynda ýoýulmalaryň ýokarlandyrylmalaryň bolmazlygy maliýe hasabatynyň maglumatlaryny peýdalanyjylaryň dürli toparlaryny, ilkinji nobatda maýa goýujylary we karz berijileri gyzyklandyrýar.

Bu usulyň ulanylmagy satuwyň gymmatynyň onuň özüne düşýän gymmatyndan pes bolan ýagdaýynda ulanylýar. Ätiýaçlyklaryň bahasynyň satuwyň bolup biljek arassa gymmatyna çenli pese düşmeginiň esasy sebäpleri şu aşakdakylardan ybarat bolup biler:

- ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmegi;
- ätiýaçlyklaryň moral taýdan könelmegi;
- ätiýaçlyklaryň ilkibaşky hiliniň ýitmegi we ş.m.

Eger-de çig mallardan we materiallardan öndürilen önümleri düşýän gymmatyndan pes däl derejede satyp bolýan bolsa, onda bu ätiýaçlyklar özüne düşýän gymmatyndan pes bahada hasapdan öçürilmeýär. Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmegini her hasabat döwrüniň ahyrynda barlamak zerurdyr.

Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň satuwyň arassa gymmatyna çenli peselmegi we ätiýaçlyklaryň ähli ýitgileri çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmeginiň hasapda görkezilişi:

1) Ätiýaçlyklaryň bahasynyň azaldylmagy bilen:
   Debet "Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmeginden zyýan" hasaby
   Kredit "Ätiýaçlyklar" hasaby

2) Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmegine döredilen ätiýaçlygyň hasabyna:
   Debet "Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmeginden ýitgi" hasaby
   Kredit "Ätiýaçlyklaryň bahasynyň pese düşmeginiň ätiýaçlygy" hasaby.

7.4. Ätiýaçlyklaryň ozüne düşýän gymmatyny hasaplamagyň usullary

Her bir kärhanada haryt-maddy ätiýaçlyklaryň hereketi hemişe bolup durýar, ýagny öň alnan materiallar ulanylýar, harytlar satylýar, täzeden satyn alynýar, öndürilen önümler satylýar we ş.m. Bu ýagdaýda materiallaryň, harytlaryň hakyky özüne düşýän gymmatynyň üýtgeýänligi sebäpli olary bahalandyrmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Munuň netijesinde haryt-material ätiýaçlyklary bahalamagyň usulyny saýlap almaly bolýar.

Ätiýaçlyklar önümçilige ýa-da satuwa degişli edilende olaryň bahalanyşy şu aşakdaky usullar bilen kesgitlenilýär:

1. Ätiýaçlyklaryň her birliginiň hakyky harajatlaryny anyk kesgitlemek usuly;
2. FIFO "Birinji geleni birinji göýbermek" usuly;
3. Ortaça çekdirilen gymmat usuly.

Ätiýaçlyklaryň her birliginiň hakyky harajatlaryny anyk kesgitlemek usuly

Bu usul ulanylanda her bir anyk önüm birligi boýunça aýratyn düşýän gymmaty hasaplanýar. Bu usulyň çäginde ähli harytlaryň hakyky hereketi aýratyn ýöredilýär. Munuň netijesinde harydyň anyk görnüşiniň düşýän gymmaty gönüden-göni satylan harytlaryň düşýän gymmatyna degişli edilýär. Dürli şertnamalar boýunça alnan harytlaryň gymmaty aýratyn hasaba alynýar. Bu usul haçanda haryt birliginiň gymmaty uly bolanda, harytlaryň mukdary bolsa uly bolmadyk ýagdaýynda ulanylýar. (Awtoulaglaryň, ýuwelir önümleriniň satuwy).

Ätiýaçlyklaryň her birliginiň hakyky harajatlaryny anyk kesgitlemek usuly ulanylanda anyk haryt birligi boýunça hakyky gymmaty kesgitlenýär. Satylan harytlaryň gymmaty we ahyrky ätiýaçlyklar olaryň hakyky gymmatynda hasaba alynýar. Bu bolsa nazaryýet nukdaý nazaryndan has anyk bolýar. Ýöne şeýle hem bolsa bu usulyň kemçilikleri hem bar.

Birinjiden, bu usulyň ulanylmagy netijesinde ätiýaçlykdaky birmeňzeş harytlar dürli gymmatlarda hasaba alynýar. Bu bolsa elmydama amatly däl.

Ikinjiden, şol bir haryt boýunça peýdanyň üýtgäp durmak mümkinçiligi ýüze çykýar, ýagny haryt satylanda şol bir haryt birliginden alynjak peýda onuň ilkibasky gymmatyna laýyklykda üýtgäp durar.

FIFO "Birinji gelen birinji göýbermek" usuly

Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň 2-nji "Ätiýaçlyklar standartynda ýokarda agzalan gymmat bahaly harytlardan başga haryt-maddy ätiýaçlyklary boýunça FIFO we orta ölçerilen gymmat usullaryny ulanmaklyk maslahat berilýär. FIFO usuly ulanylanda ilkinji gelen ätiýaçlyklaryň düşýän gymmaty ilkinji nobatda hasapdan öçürilýär. Bahalaryň ösýän döwründe bu usul ulanylanda peýda görkezijisi beýleki usullara garanyňda has ýokary bolýar.

FIFO usuly ulanylanda ilkinji gelen harytlaryň gymmaty birinji satylýar. Başgaça aýdanymyzda birinji gelen harytlar birinji nobatda satylýar.

Bu usulyň artykmaçlyklary şu aşakdakylardan ybarat:

- bu usul ýönekeý;
- peýdanyň üýgäp durmak mümkinçiligi bolmaýar;
- balansda ätiýaçlygyň gymmaty bazar bahasyna ýakyn bolýar.

Orta çekdirilen gymmat usuly

Orta çekdirilen gymmat usuly ulanylanda satmak üçin harytlaryň, önümçilikde ulanmak üçin materiallaryň häsiýetleriniň birmeňzeşliginden ugur alynýar. Ätiýaçlyklaryň orta çekdirilen gymmaty olaryň umumy gymmatyny ätiýaçlyklaryň umumy mukdaryna bölüp hasaplanýar.

LIFO "Soňky geleni birinji göýbermek"usuly

Haryt maddy gymmatlyklary bahalamaklygyň alternatiw usuly hökmünde 2-nji "Ätiýaçlyklar" standartynda LIFO usuly hem göz öňünde tutulýardy. Bu usul MHHS çäklerinde 2005ý. başlap ulanmaklyga hödürlenmeýär. Bu usulda soňky gelen harytlaryň ilkinji nobatda satylmagy göz öňünde tutulýar.

7.5. Haryt-maddy gymmatlyklarynyň döwürleýin we üznüksiz hasaba alnyşy

Ätiýaçlyklary hasaba almagyň iki usuly ulanylýar:

a) ätiýaçlyklary hasaba almagyň döwürleýin (yzygiderli) ulgamy;
b) ätiýaçlyklary hasaba almagyň üznüksiz ulgamy.

Ätiýaçlyklaryň hasaba almagyň döwürleýin ulgamy

Hasaba almagyň döwürleýin ulgamy ulanylanda buhgalter hasabynyň hasaplarynda ýylyň dowamynda ätiýaçlyklaryň jikme-jik hasaby ýöredilmeýär. Hasabat senesine ätiýaçlyklaryň hakyky barlygy tükellemäniň netijesinde kesgitlenilýär. Hasabat döwrüniň ahyryna ätiýaçlyklaryň hakyky bar bolan

maglumatlaryny nazara alyp, hasabat döwründe ýerleşdirilen ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$Ý_{öödg} = ÄG_b + GÄ - ÄG_a$$

Bu ýerde,

$Ý_{öödg}$ - Ýerleşdirilen önümiň özüne düşýän gymmaty;

$ÄG_b$ - Hasabat döwrüniň başyna ätiýaçlyklaryň galyndy;

GÄ - Hasabat döwründe gelen ätiýaçlyklar (arassa satyn alnanlar);

$ÄG_a$ - Hasabat döwrüniň ahyryna ätiýaçlyklaryň galyndysy

Şeýlelikde, ätiýaçlyklaryň hereketini hasaba almagyň döwürleýin ulgamyny ulanmak bilen, ýerleşdirilen harytlaryň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin şu maglumatlar zerur:

- ätiýaçlyklaryň ilkibaşdaky galyndylary barada;
- ätiýaçlyklaryň arassa satyn alynmalary barada;
- ätiýaçlyklaryň ahyrky galyndylary barada.

Ätiýaçlyklaryň anyk görnüşleriniň barlygy barada kesgitli pursata jikme-jik ýazgynyň bolmaýanlygy ätiýaçlyklary hasaba almagyň döwürleýin ulgamynyň esasy ýetmezçiligi bolup durýar. Bu ulgam esasan, lomoý we bölek söwda kärhanalarynda, birmeňzeş önümleri öndürýän we olary öndürmek üçin az görnüşli çig mallar, materiallar we ýönekeý tehnologik proses ulanylýan senagat kärhanalarynda ulanylýar.

Ätiýaçlyklary hasaba almagyň üznüksiz (yzygiderli) ulgamy

Ätiýaçlyklary hasaba almagyň üznüksiz (yzygiderli) ulgamy ulanylanda balans hasaplarynda ätiýaçlyklaryň gelmegi we hasapdan çykarylmagy üznüksiz hasaba alynýar. Bu ýerde ätiýaçlyklar döwürleýin hasaba alnanda ulanylýan çykdajylaryň wagtlaýyn hasaplary ulanylmaýar. Netije-de, ähli hasabat döwrüniň dowamynda anyk senä ätiýaçlyklaryň galyndylary barada maglumatlary almak bolýar. Ýerleşdirilen ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty, ýerleşdirilmegiň amala aşyrylyşyna görä ykrar edilýär, ýagny ýerleşdirmegiň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin tükellemäni geçirmegiň zerurlygy aradan aýrylýar. Hasabat döwrüniň ahyryna ätiýaçlyklaryň üýtgemegine düzediş girizilmeýär.

Hasaba almagyň üznüksiz ulagamy usulynyň artykmaçlyklary:

1. Her bir maddanyň jikme-jik hasabynyň ýöredilmegi buyrujynyň anyk ýüz tutumasy seljerilende we onuň gaýtadan buýrmasynyň wagty we mukdary saýlanyp alnanda amatly bolýar.
2. Bar bolan harytlaryň hakyky hasaplamasy ätiýaçlyklary hasaba almagyň maglumatlarynyň takyklygy barlananda ulanylyp bilner.
3. Peýdalar we zyýanlar barada hasabat ätiýaçlyklaryň bar bolan galyndysyna tükelleme geçirmezden taýýarlanylýar.

1-nji goşundy

Buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň halkara standartlary

T/b	Standartyň belgisi	Standartyň ady	
Buhgalter hasabynyň halkara standartlary			
1.	BHHS-1 (IAS)	Maliýe hasabaty bilen tanyşdyrmak	Presentation of Financial Statements
2.	BHHS-2 (IAS)	Ätiýaçlyklar	Inventories
3.	BHHS-7 (IAS)	Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat	Statement of Cash Flows
4.	BHHS-8(IAS)	Hasap syýasaty, buhgalter baha bermekdäki üýtgeşmeler we ýalňýşlyklar	Accounting Policies, Changes in Accounting Estimates and Errors
5.	BHHS-10 (IAS)	Hasabat senesinden soňky hadysalar	Events After the Reporting Period
6.	BHHS-11 (IAS)	Potrat şertnamalary	Constructions Contracts
7.	BHHS-12 (IAS)	Peýda salynýan salgytlar	Income Taxes
8.	BHHS-16 (IAS)	Esasy serişdeler	Property, Plant and Equipment
9.	BHHS-17 (IAS)	Kärende	Leases
10.	BHHS-18 (IAS)	Satuwdan gelýän serişdeler	Revenue
11.	BHHS-19 (IAS)	Işgärlere höweslendirmeler	Employee Benefit
12.	BHHS-20 (IAS)	Döwlet kömekleriniň hasaby we döwlet kömegi baradaky maglumatlaryň açyklamasy	Accounting for Government Grants and Disclosure of Government Assistance
13.	BHHS-21(IAS)	Walýuta kurslarynyň üýtgemeleriniň täsiri	The Effects of Changes in Foreign Exchange Rates
14.	BHHS-23 (IAS)	Karzlar boýunça harajatlar	Borrowing Costs
15.	BHHS-24 (IAS)	Baglanyşykly taraplar baradaky maglumatlaryň açyklamasy	Related Party Disclosure
16.	BHHS-26 (IAS)	Pensiýa meýilnamasy boýunça hasap we hasabat	Accounting and Reporting by Retirement Benefit Plans
17.	BHHS-27 (IAS)	Jemlenen we özbaşdak maliýe hasabaty	Consolidated and Separate Financial statements
18.	BHHS-28	Birmeňzeş önümleri öndürýän	Investments in Associates

	(IAS)	we satýan birleşme kompaniýalara maýa goýumlar	
19.	BHHS-29 (IAS)	Aňyrçäk hümmetsizlenme şertlerinde maliýe hasabaty	Financial Reporting in Hyperinflationary Economies
20.	BHHS-31(IAS)	Bilelikdäki işlere gatnaşmak	Interests in Joint Ventures
21.	BHHS-32 (IAS)	Maliýe instrumentleri - ttanyşdyrmak	Financial Instruments: Presentation
22.	BHHS-33 (IAS)	Paýnama düşýän peýda	Earnings per Share
23.	BHHS-34 (IAS)	Aralykdaky maliýe hasabaty	Interim Financial Reporting
24.	BHHS-36 (IAS)	Aktiwleriň bahasynyň pese düşmegi	Impairment of Assets
25.	BHHS-37 (IAS)	Ätiýaçlyklar, şertli borçnamalar we şertli aktiwler	Provisions, Contingent Liabilities and Contingent Assets
26.	BHHS-38 (IAS)	Maddy däl aktiwler	Intangible Assets
27.	BHHS-39 (IAS)	Maliýe instrumentleri : ykrar etmek we baha bermek	Financial Instruments: Recognition and Measurement
28.	BHHS-40 (IAS)	Maýa goýum eýeçiligi	Investment Property
29.	BHHS-41 (IAS)	Oba hojalygy	Agriculture
Maliýe hasabatynyň halkara standartlary			
1.	MHHS-1(IFRS)	Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň ilkinji gezek kabul edilmegi	First-time Adoption of International Financial Reporting Standards
2.	MHHS-2(IFRS)	Paý esasynda tölegler	Share-based Payment
3.	MHHS-3 (IFRS)	Işewürligiň birleşmegi	Business Combinations
4.	MHHS-4 (IFRS)	Ätiýaçlandyrmanyň şertnamalary	Insurance Contracts
5.	MHHS-5 (IFRS)	Satmak üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler we işiň togtadylmagy	Non-current Assets Held for Sale and Discontinued Operations
6.	MHHS-6 (IFRS)	Mineral resurslaryň gözlegi we olara baha bermek	Exploration for and Evaluation of Mineral resources
7.	MHHS-7 (IFRS)	Maliýe instrumentleri – maglumatlaryň açyklamasy	Financial Instruments: Disclosures
8.	MHHS-8 (IFRS)	Operasion segmentler	Operating Segments

EDEBIÝATLAR

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A., 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. A., 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň yurdy. A., 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. A., 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. A., 2008.
6. ”Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2007-nji ýylyň sekiz aýynyň jemlerine bagyşlanan mejlisinde sözlän sözi. “Türkmenistan” gazeti, 10.09 2007ý.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. “Türkmenistan” gazeti, 10.05.2010ý.
8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A., 2007.
9. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (biriji ýygyndy). A., 2005.
10. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (ikinji ýygyndy). A., 2005.
11. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (üçünji ýygyndy). A., 2006.
12. ”Buhgalter hasaby hakynda” Türkmenistanyň kanuny. A., 1994.
13. ”Döwlet statistikasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. A., 1998.
14. ”Eýeçilik hakynda” Türkmenistanyň kanuny. A., 1993.
15. “Kärhanalar hakynda” Türkmenistanyň kanuny. A., 2000.
16. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi kanuny. A., 2005.
17. Ç. Gylyjow we başgalar. Buhgalter hasaby. 1-nji kitap. A., 2001.
18. Ç. Gylyjow we başgalar. Buhgalter hasaby. 2-nji kitap. A., 2001.
19. М. Кутер. Теория и принципы бухгалтерского учета. М., 2000.
20. С. Н. Шадилова. Основы бухгалтерского учета. М., 1998.
21. Н. П. Кондраков. Бухгалтерский учет. М., 2000.
22. Б.Нидлз, Х.Андерсон, Д.Колдуэлл. Принципы бухгалтерского учета. М., 2000.
23. О.И.Соснаускене. Как перевести Российскую отчетность в международный стандарт. М., 2008.
24. Мощенко Н.П. Международные стандарты учета и финансовой отчетности.Учеб. пособие. — М.: Финансы и статистика, 2007.
25. О.В. Соловьева. МСФО и ГААП: учет и отчетность. - М., 2004.
26. Бернстайн Л.А. Анализ финансовой отчетности: теория, практика и интерпретация: Пер. с англ. М.: Финансы и статистика, 2002.
27. Бутниец Ф.Ф., Соколов Я.В., Панков Д.А., Горецкая Я.Л. Бухгалтерский учет в зарубежных странах: Учеб. Пособие. Житомир, 2002.
28. Каспина Р.Г. Международная система финансовой отчетности. - М.: Бухгалтерский учет, 2003.

29. Палий В.Ф. Комментарий к Международным стандартам финансовой отчетности. - М.: Аскери-АССА, 1999.
30. Соловьева О.В. МСФО и ГААП: Учет и отчетность, - М.: ИДФБК-ПРЕСС, 2003.
31. Терехова В.А. Международные и национальные стандарты учета и финансовой отчетности. - СПб: Питер, 2002.
32. Учет по международным стандартам: Учеб. пособие. - 3-е изд. / А.М. Гершун, И.В. Аверчев, Е.Б. Герасимова и др.; Под ред. Л.В. Горбатовой. – М.: Фонд Развития Бухгалтерского Учета, Издательский дом "Бухгалтерский учет", 2003.
33. Шнейдман Л.З. Как пользоваться МСФО. - М.: Бухгалтерский учет, 2003.

M A Z M U N Y

Giriş

Bap 1. Buhgalter hasabynyň mazmuny we niýetlenişi

1.1 Buhgalter hasaby ulgamynyň mazmuny, maksady we esasy ýörelgeleri
1.2 Buhgalter hasabynyň maglumatlaryny peýdalanyjylar
1.3 Maliye hasabatynyň düzümi we mazmuny

Bap 2. Hasabyň we hasabatyň halkara ulgamynyň mazmuny we häsiýetnamasy

2.1. Buhgalter hasabynyň milli we halkara ulgamynyň umumy häsiýetnamasy
2.2. Hasabyň we hasabatyň halkara ulgamyny döretmegiň zerurlygy
2.3. Hasap we hasabat ulgamy boýunça halkara guramalary

Bap 3. Maliýe hasabaty

3.1. Maliýe hasabatynyň maksady
3.2. Maliýe hasabatyny taýýarlamagyň we düzmegiň ýörelgeleri
3.3. Maliýe hasabatynyň elementleri
3.4. Maliye hasabatynyň düzümi we olaryň häsiýetnamasy

Bap 4. Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň (MHHS) umumy häsiýetnamasy

4.1. Maliýe hasabatynyň halkara standartlary we olaryň ähmiýeti
4.2. Maliýe hasabatynyň halkara standartlarynyň gysgaça häsiýetnamasy

Bap 5. Esasy serişdeleriň hasaby

5.1. Esasy serişdeleriň aktiw hökmünde ykrar edilmegi we olaryň düzümi
5.2. Esasy serişdeleriň obýektleriniň peýdaly ulanyş möhleti
5.3. Esasy serişdeleriň ilkibaşky bahasynyň emele gelşi we hasaba alnyşy
5.4. Esasy serişdeleriň soňky bahalanyşy we oňa edilýän düýpli goýumlar
5.5. Esasy serişdeleriň amortizasiýasy
5.6. Esasy serişdeleriň amortizasiýasyny hasaplamagyň usullary
5.7. Esasy serişdeleriň ulanyşdan aýrylmagynyň hasaby